# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – HALKYMYZYŇ SAGLYGY, ABADAN WE BAGTYÝAR DURMUŞY BIZIŇ ALYP BARÝAN DÖWLET SYÝASATYMYZYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRIDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
13-nji oktýabr, 2023. Belgisi 41/1555




# KÖPUGURLY DÖWLETARA HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

**11-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidany kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga wagt tapandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň iberen mähirli salamyny, türkmen halkyna abadançylyk we rowaçlyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunda Türkiýede doganlyk Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklara uly ähmiýet berilýändigi bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýäniň DIM-niň ýolbaşçysyny gadymy türkmen topragynda görýändigine şatdygyny aýdyp, Türkiýe Respublikasynyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şu gezekki saparyň çäklerinde meýilleşdirilen gepleşikleriň, duşuşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga täze itergi berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz jenap Hakan Fidany we doganlyk türk halkyny ýakynda belleniljek şanly sene – Türkiýe Respublikasynyň döredilmeginiň 100 ýyllygy bilen gutlady.

Daşary işler ministri gutlaglar üçin hoşallyk bildirip, hormat goýmak hem-de özara bähbitlilik ýörelgelerinde ýola goýulýan döwletara gatnaşyklaryň yzygiderli giňeldilmegine Türkiýäniň aýratyn gyzyklanma bildirýändigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Türkiýe Respublikasy ýurdumyzyň doganlyk döwletidir, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk bolsa strategik häsiýete eýedir. Köpasyrlyk türkmen-türk gatnaşyklary baý tejribä esaslanyp, syýasy, ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygyň häzirki ýokary derejesi munuň aýdyň güwäsidir. Ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, halkara guramalaryň çäklerinde hem özara bähbitlilik esasynda üstünlikli ösdürilýär we pugtalandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz, hususanda, BMG-niň çäklerinde Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryny, tekliplerini goldaýandygy üçin türk tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljekki mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy, şunda Hökümet wekiliýetleriniň özara saparlary, iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasynda geçirilýän yzygiderli geňeşmelerdir duşuşyklar möhüm şert bolup çykyş edýär. Döwlet Baştutanymyz ýakynda Türkiýe Respublikasyna boljak resmi saparynyň türkmen-türk dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmekde täze sahypany açjakdygyna ynam bildirdi.

Köpugurly ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda söwda-ykdysady ulgama aýratyn orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda Türkiýe Respublikasynyň ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýändigi bellenildi. Biziň döwletlerimiz ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de ýangyç-energetika toplumynda, ulag-aragatnaşyk pudaklarynda netijeli gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidan däp bolan döwletara hyzmatdaşlygyň özara bähbitlilik esasynda mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

* * *

Şol gün ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynda Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidan bilen duşuşyk geçirildi. Onda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda we özara gyzyklanma bildirilýän beýleki ugurlarda türkmen-türk hyzmatdaşlygyny ösdürmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň netijeleri boýunça «Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2024-2025-nji ýyllarda hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasyna» gol çekildi.

# SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY IŞGÄRLERINIŇ GÜNI GIŇDEN BELLENILDI

*11-nji oktýabrda paýtagtymyzda «Gündogaryň meşhur akyldary we lukmany Abu Aly ibn Sinanyň umumadamzat ähmiýetli mirasy» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim ministrlikleri hem-de Ylymlar akademiýasy tarapyndan bilelikde guralan forum Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe bagyşlandy.*

Halkara ylmy gatnaşyklary pugtalandyrmaga, şeýle-de Abu Aly ibn Sinanyň köpugurly mirasyny wagyz etmäge gönükdirilen maslahat utgaşykly görnüşde Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde geçirildi.

Alym, akyldar, lukman, tebigaty öwreniji, saz nazaryýetçisi, matematik we psiholog, dermanlary öwreniji, astronom, şahyr Abu Aly Hüseýin ibn Abdulla ibn Aly ibn Hasan ibn Sina X-XI asyryň beýik şahsyýetleriniň biridir. Günbatar döwletlerinde ol Awisenna ady bilen tanalýar. Onuň ady tutulanda, bilimleriň baý dünýäsine eýe bolan we şolaryň ählisini 29 ylmy ugur boýunça 450 kitapda beýan eden meşhur ensiklopediýaçy alymyň keşbi göz öňünde janlanýar.

Abu Aly ibn Sinanyň ömri türkmen halkynyň taryhy bilen berk baglanyşyklydyr. Ömrüniň 12 ýylyny Gündogaryň ylym merkezleri hökmünde giňden tanalan Ürgenç, Merw, Bawert, Nusaý şäherlerinde geçiren alym özüniň ýiti zehini, paýhasy, tejribesi, binýat goýujy nazaryýetleri bilen ylmy açyşlary edip, gaýtalanmajak eserleri döredip geljek nesillere uly miras galdyrypdyr. Ibn Sinanyň öz döwrüniň ylym kerweniniň başyny çeken beýik şahsyýetler – taryhçy, astronom, geodezik Abu Reýhan Biruny, filosof, lukman we matematik Abul-Haýr Hammar, meşhur pir we şahyr Abusagyt Abylhaýyr – Mäne baba bilen halypa-şägirtlik we ussatlyk gatnaşyklary, bu akyldarlaryň ylmyň baýlaşmagyna goşan goşantlary halkymyz üçin aýratyn buýsançlydyr.

Forum bagşy-sazandalaryň çykyşlary hem-de Gahryman Arkadagymyzyň eserleri aýratyn orny eýelän ýörite sergi bilen utgaşdyryldy. Bu bolsa maslahatyň işine aýratyn öwüşgin çaýdy. Foruma ýurdumyzdan we daşary ýurtlaryň birnäçesinden alymlar, professor-mugallymlar, hünärmenler çagyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda Gündogarda «Alymlaryň baştutany», Günbatarda «Akyldarlaryň serdary»



diýen derejelere mynasyp bolan Abu Aly ibn Sinanyň biziň günlerimize gelip ýeten eserleri, ylmy-pelsepewi döredijiligi geçmiş bilen şu güni we geljegi birleşdirýän gymmatly hazynadyr, bütin adamzadyň guwanjydyr diýip bellenilýär.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow, Birleşen Arap Emirlikleriniň Al-Kasimiýýah uniwersitetiniň rektory Awad Al-Halaf, Russiýa Federasiýasyndan Astrahan döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň prorektory, lukmançylyk ylymlarynyň doktory Larisa Udoçkina, Türkiýe Respublikasyndan Uludag uniwersitetiniň professory, ylymlaryň doktory Hidaýet Peker, Özbegistan Respublikasynyň Lukmançylyk işgärleriniň hünär kämilleşdiriş merkeziniň professory Urazmat Jumatow, Türkiýe Respublikasynyň Biruny uniwersitetiniň professory Nezih Hekim, Stambul uniwersitetinden, weterinariýa lukmançylygynyň doktory, professor Serkan Ikiz dagy Gündogaryň meşhur akyldary we lukmany Abu Aly ibn Sinanyň gymmatly mirasy, lukmançylyk ylmynda gazanan üstünlikleri, häzirki zaman lukmançylyk biliminde Awisennanyň orny, beýik akyldaryň eserleriniň pelsepe aýratynlyklary ýaly köpugurly mowzuklar boýunça çykyş etdiler.

Halkara ylmy maslahata ýurdumyzyň alymlary, professor-mugallymlary, ýaş alymlar, şeýle-de daşary ýurtlardan myhmanlar – Russiýadan, Germaniýadan, Azerbaýjandan, Türkiýeden, Özbegistandan, Belarusdan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Täjigistandan, Ermenistandan we beýleki döwletlerden alymlar sanly ulgam arkaly işjeň gatnaşdylar. Daşary ýurtly gatnaşyjylaryň çykyşlarynda ýokary hünär derejeli, ruhy-medeni gymmatlyklary doly ele alan, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmegiň häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň möhüm wezipeleriniň biridigi nygtaldy. ■ 2



## Sahawatly işleriň ýokary sylagy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynda halkymyzyň ynsanperwer ýörelgeleri, ruhy gymmatlyklary öz beýanyny tapýar. Ýagşy niýet bilen adamy mertebelemek, sahawatlylyk, hemaýata mätäçlere goldaw bermek Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde mukaddes ýörelgä öwrülýär. Şonuň üçin ýurdumyzda sahawatly işleri amala aşyrýan raýatlary sylaglamak üçin «Arkadag» medaly döredildi.

Şeýle ýokary döwlet sylagy bilen sylaglanan ilkinji ynsan Arkadagly Gahryman Serdarymyz boldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu ýokary sylaga milli däplerimiz esasynda alyp barýan sahawatly işleri üçin mynasyp boldy. ■ 2

## Watanymyzyň halkara abraýy pugtalanýar



**Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwürmek maksady bilen öňe süren beýik başlangyçlary, durmuşa ornaşdyrýan netijeli özgertmeleri giň möçberli şertleri emele getirýär. Munuň şeýledigine gazanylýan ýokary ösüşler, ýaşaýyş-durmuş, ylym-bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlaryndaky ýetilen belent sepgitler, durmuşa ornaşdyrylan ägirt uly işler, gazanylan üstünlikler şaýatlyk edýär.**

**Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan häzirki wagta çenli 21 sany Kararnama kabul edildi. Şolaryň üçüsi halkara gatnaşyklarda öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýeti bilen baglanyşyklydyr.** ■ 3

## Türkmenistanyň energetika diplomatiýasynyň dabaralanmasy



Döwletimiziň ýangyç-energetika toplumyny hemmetaraplaýyn ösdürmäge hem-de onuň halkara energoulgama depginli goşulyşmagyna gönükdirilen energetika syýasaty barha rowaçlanýar. Ýurdumyzyň bu ulgamda amala aşyrýan iri möçberli maýa goýum taslamalary diňe bir möhüm ykdysady ähmiýete eýe bolman, eýsem, sebit we ählumumy energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hem örän uly orny eýeleýändir. Ýangyç-energetika toplumynyň möhüm binýadyny emele getirýän gaz pudagy, şol bir wagtda, ýurdumyzyň umumy senagat önümçiliginiň esasy bölegini düzýär. Häzirki döwürde bu pudakda tebigy gazyň täze gorlaryny gözlemek we özleşdirmek, taýýar önümi ibermäge, saklamaga, gaýtadan işlemäge, taýýar ýangyçlary sarp edijilere ýetirmäge çenli önümçilikde öňdebaryjy, ýokary öndürijilikli tehnologiýalar netijeli ulanylýar. ■ 3

## Bagbançylyk sergisi dowam edýär

**2-nji oktýabrda Kataryň paýtagty Doha şäherinde ýurduň ýolbaşçylarynyň we daşary ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleriniň gatnaşmagynda öz işine başlan «Expo-2023 Doha» halkara bagbançylyk sergisi geljek ýylyň 28-nji martyna çenli dowam eder.** ■ 4

## Taýajyklar bilen naharlanmak däbi

**Iki sany uzyn taýajyk bilen naharlanmak, megerem, hemmeleriň ünsüni özüne çekýän bolsa gerek. Hytaý medeniýetine mahsus bolan bu usul ýurduň ýerli aşhanalaryndan başga-da, dünýäniň dürli ýurtlaryndaky hytaý aşhanalarynda duş gelýär.** ■ 5

## Yzly-yzyna 3-nji çempionlygy

**Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Kataryň Lusail şäheriniň adybir halkara trassasynda geçirildi. Ýaryşa soňky 2 ýylyň çempiony, «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen täze möwsümiň hem çempiony hökmünde çykdy.** ■ 7

# SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY IŞGÄRLERINIŇ GÜNI GIŇDEN BELLENILDI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şeýle şahsyýetlere Awisenna hem gürrüňsiz degişlidir. Ol lukmanyň esasy häsiýetleriniň nähili bolmalydygy barada aýdyp geçipdir.

Soňra ylmy maslahat öz işini Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde dowam etdi.

### «TÜRKMENISTANYŇ DERMANLYK ÖSÜMLIKLERI» ATLY KITABYŇ TANYŞDYRYLYŞY

Şol gün Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň saglygy goraýyş işgärleriniň hünär baýramynyň öňüsyrasynda çapdan çykan «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly düýpli ylmy işiniň XV jildiniň tanyşdyrylyş dabarasy boldy.







Türkmen topragynda bitýän dermanlyk ösümlikler we milli fitoterapiýa baradaky bu özboluşly ylmy-ensiklopedik iş dünýäniň köp dillerinde neşir edilip, millionlarça daşary ýurt okyjylaryna elýeterli boldy hem-de ýurdumyzda lukmançylygyň dürli ugurlary boýunça hünärmenleriň gollanmasyna öwrüldi. Saglygy goraýyş ulgamyndaky ylmy işleriň awtory Gahryman Arkadagymyz milli lukmançylygymyzy ösdürmegiň özünde pederlerimiziň paýhasyny we tejribesini, dünýä lukmançylygynyň häzirki zaman meýillerini jemleýän nusgasyny döretdi. Bu düýpli ylmy işiň sahypalarynda ýerli dermanlyk otlaryň onlarça görnüşiniň, ösümlikleriň kökleriniň hem-de miweleriniň, şol sanda endemik ösümlikleriň dermanlyk häsiýetleri, olary ylmy we halk lukmançylygynda peýdalanmagyň mümkinçilikleri giňişleýin beýan edilýär. Kitap okyjylara adamzadyň gazanan üstünlikleriniň hazynasyna, şol sanda lukmançylyk işine uly goşant goşan türkmen halkynyň köpasyrlyk tejribesidir däpleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

### HALKARA SERGI GEÇIRILDI

10-12-nji oktýabrda Söwda-senagat edarasynyň sergiler zalynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergi we onuň çäklerindäki ylmy maslahat geçirildi. Her ýyl geçirilýän bu çäre lukmançylyk ylmynyň soňky gazananlaryny saglygy goraýyş ulgamyna ornaşdyrmaga we daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berýän abraýly forumlaryň birine öwrüldi.

Bu foruma gatnaşýan ýurtlaryň sany ýylsaýyn artýar. Ol innowasion tehnologiýalara we giň halkara hyzmatdaşlyga esaslanyp, täze pikirleri, çemeleşmeleri teklip edýär. Sergä dünýäniň 20-den gowrak ýurdundan lukmançylygyň dürli ulgamlaryndaky wekiller gatnaşýarlar. Şolaryň arasynda derman serişdelerini, lukmançylyk enjamlaryny we sarp ediş serişdelerini, dürli lukmançylyk hyzmatlaryny hödürleýän, tebigy kosmetiki önümleriň giň görnüşlerini, çaga iýmitini öndürýän daşary ýurt kompaniýalarynyň 150-den gowragy, şol sanda Russiýadan, Gazagystandan, Özbegistandan, Gruziýadan, Germaniýadan, ABŞ-dan, Fransiýadan, Italiýadan, Beýik Britaniýadan, Awstriýadan, Polşadan, Türkiýeden, Hindistandan, Hytaýdan we beýleki ýurtlardan kompaniýalar gatnaşýarlar. Lukmançylyk gözden geçirilişine gatnaşyjylaryň hatarynda türkmen lukmanlarynyň ozaldan gelýän hyzmatdaşlary bolan «Seda Medical», «Philips», «Vichy», «Horiba», «Olympus», «B.Braun», «Sandoz», «Roche», «Zimmer», «Bionorica», «Siemens», «Askin and Co», «Medtronic», «Getinge», «Alves», «Orica» we başga-da köp sanly kompaniýalar bar. Şeýle-de, ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli edaralar işjeň gatnaşdy.

10-njy oktýabrda Söwda-senagat edarasynyň maslahatlar zalynda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly ylmy maslahat geçirildi. Şeýle hem Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda sanly ulgam arkaly geçirilen ýaş alymlaryň «Ýokary tehnologiýalar we innowasion işläp taýýarlamalar» atly halkara bäsleşiginiň jemi jemlendi. Bäsleşige Azerbaýjandan, Belarusdan, Gazagystandan, Gruziýadan, Hytaýdan, Malaýziýadan, Özbegistandan, Russiýadan, Täjigistandan, Türkiýeden we Wýetnamdan ýaş alymlardyr hünärmenler möhüm ugurlar boýunça özleriniň ylmy işlerini, taslamalaryny hödürlediler.

Utgaşykly görnüşde geçirilen ylmy maslahata daşary ýurtlaryň birnäçesiniň görnükli alym-professorlary, ylymlaryň doktorlary, saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Çykyşlarda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, ilkinji lukmançylyk kömegini bermegiň usullaryny kämilleşdirmek, maşgala lukmançylygy institutyny ösdürmek, ilata hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini we görnüşlerini artdyrmak, bejeriş, şypahana edaralarynyň işini has-da gowulandyrmak, saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini pugtalandyrmak, lukmançylyk ylmy bilen tejribäniň özara baglanyşygyny berkitmek, lukmanlaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, saglygy goraýyş ulgamynyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek meseleleriniň Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny döwrebaplaşdyrmagyň esasy wezipeleriniň hataryndadygy nygtaldy.

Ylmy maslahatyň işi Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň iri edaralarynda – Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanada, Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetinde, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezinde, Arkadag şäheriniň saglyk öýünde, köpugurly hassahanasynda, Gaýragoýulmasyz «Tiz kömek» merkezinde, Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezinde hem-de paýtagtymyzdaky ýokary okuw mekdeplerinde 15 bölüm boýunça 12-nji oktýabra çenli dowam etdi.

## SAHAWATLY IŞLERIŇ ÝOKARY SYLAGY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

«Arkadag» medaly Türkmenistanyň döwlet sylagy bolup, adam bähbitlerini ileri tutmak, mertebesini belende götermek, adalatlylyk, adamkärçilik, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk, haýyr-sahawatlylyk, hemaýata mätäçlere kömek bermek ýaly türkmeniň ata-baba ýol-ýörelgelerine, milli däplerine laýyklykda we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ynsanperwer başlangyçlaryny wagyz etmek, bitiren hyzmatlaryna sarpa goýmak, toplan tejribesini, ösýän halkara abraýyny giňden goldamak babatda görnükli işleri bitiren ýurdumyzyň raýatlaryny sylaglamak maksady bilen döredildi.

«Arkadag» medaly bilen döwletiň ynsanperwer durmuş syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmäge, adamyň we raýatyň durmuş-ýaşaýyş, saglyk babatda hukuklaryny, kanuny bähbitlerini goramaga goşant goşan, howandarlyga mätäç adamlaryň, ylaýta-da, çagalaryň jemgyýetiň we döwletiň durmuşyna mynasyp, doly möçberde gatnaşmaga bolan hukuklarynyň durmuşa geçirilmeginde görnükli işleri bitiren, durmuş çygryny ösdürmäge, jemgyýetçilik, ynsanperwer, haýyr-sahawat, saglygy goraýyş, meýletinçilik guramalarynyň, halkyň saglygyny goraýyş işini ösdürmäge, hususan-da, lukmançylyk, sagaldyş-dikeldiş babatda kömek bermäge, meýletinçilik hereketini ösdürmäge uly goşant goşan, eneligiň we çagalygyň bähbitleriniň üpjün edilmeginde, enäniňdir çaganyň abraýynyň, mertebesiniň goralmagynda, jemgyýetde çagalara mähirli garaýşyň kemala gelmeginde işleri bitiren raýatlar sylaglanylýar.

Ýurdumyzda jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy bolan adam saglygyna goýulýan hormatyň aýdyň subutnamasyna öwrülen «Arkadag» medaly daşary ýurt raýatlaryna hem gowşurylýar. Şeýle ýokary sylaga mynasyp bolanlaryň hatarynda «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy Ahmet Çalyk hem-de Germaniýanyň Mýunhen şäherindäki «Dritti Orden» klinikasynyň çaga ortopedi Winsent Frimberger bar. Mundan başga-da, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda tapawutlanan işgärleri, saglygy goraýyş, ynsanperwerlik, haýyr-sahawat işleriniň ösüşine, meýletinçilik hereketine, howandarlyga mätäç çagalara saglygy goraýyş kömegini bermekde, keselleriň öňüni almak, anyklamak we bejermek işine netijeli usullary ornaşdyrmakda, döwlet we jemgyýetçilik işine uly goşant goşan, köpýyllyk halal we ýadawsyz zähmeti bilen ilatyň saglygyny goramakda ýokary hünär ussatlygyna eýe bolan ýurdumyzyň raýatlarynyň birnäçesi «Arkadag» medalyna mynasyp boldy.

**Arçmanberdi ÝAZYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Owganystana ynsanperwer kömegi iberildi

10-njy oktýabrda Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Buýrugyna laýyklykda, 7-nji oktýabrda Owganystanyň Hyrat welaýatynda bolup geçen ýertitreme zerarly doganlyk owgan halkyna, ilkinji nobatda, goňşy ýurduň çagalaryna ynsanperwerlik kömegi iberildi.



Türkmen halkynyň gadymdan gelýän däp-dessurlaryndan, ata-babalarymyzyň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerinden ugur alyp, şeýle hem asylly ynsanperwer işleriň oňyn tejribesini dowam etdirip, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň goldaw bermeginde we guramagynda Owganystanyň doganlyk halkyna ynsanperwerlik kömegi iberildi.

Derman we saglygy goraýyş maksatly serişdelerden, dokma we azyk önümlerinden ybarat bolan ynsanperwerlik ýüki 11-nji oktýabrda doganlyk ýurda bardy. Bu kömek Owganystanyň Hyrat welaýatynda bolup geçen tebigy betbagtçylyga duçar bolan adamlara ruhy goldaw bolmak bilen, dostlukly ýurduň halkyna we ýolbaşçylaryna bildirilýän çuňňur hormatyň nobatdaky beýany hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgeleriniň aýdyň nyşany bolup durýar.

## Uçarlarda arassa ýangyç ulanylar

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda howa gämilerinde has arassa ýangyjyň ulanylyşyny artdyrmak üçin täze kanun girizildi. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi agza ýurtlarda awiasiýa pudagynda ýyladyşhana gazlarynyň azaldylmagy üçin täze maksatlary bolan kanuny kabul edendiklerini mälim etdi. Täze kanunda arassa



ýangyjyň ulanylyşy we üpjünçiligi artdyrylar. Şeýlelikde, sebit ýurtlaryndaky aeroportlaryň infrastrukturasy täze ýangyç görnüşlerini ulanmaga amatly ýagdaýa getiriler. Düzgüne görä, 2025-nji ýyla çenli awiasiýa pudagynda sarp edilýän ýangyjyň 2 göterimi, 2030-njy ýyla çenli 6 göterimi, 2050-nji ýyla çenli 70 göterimi durnukly çeşmelerden alnan bolmaly.

Şeýle hem ýangyjyň 2030-njy ýyldan başlap, 1,2 göterimi sintetik häsiýetli bolmaly. Bu görkeziji 2050-nji ýyla çenli 35 göterime ýetirilmeli.

Ýewropa Parlamentiniň tassyklan kanun taslamasy metbugatda çap edilenden soňra güýje girer.

**Azat NARZULLAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Elektroulag satuwy 80 göterim artdy

Kuwwatly ulaglary öndürmegi bilen tanalýan BMW kompaniýasy ýylyň üçünji çärýeginde elektroulag satuwyny görnetin artdyrdy. Nemes brendiniň üç aýlyk döwürde elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglarynyň satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 80 göterim ýokary boldy. Ýaýradylan maglumata görä,



kompaniýanyň umumy awtoulag satuwy iýul-awgust aýlarynda 5,8 göterim artyp, 622 müňe ýetipdir. Agzalýan döwürde Hytaýda 210 müň ulag satylypdyr. Bu döwürde global bazarda elektroulag satuwy 93 müň 931-e ýetipdir. Geçen ýyl kompaniýanyň öndürýän awtoulaglarynyň 10 göterimine golaýyny elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar emele getiripdi. Kompaniýa şu ýyl bu görkezijini 15 göterime ýetirmegi maksat edinýär.

BMW-niň ýylyň dokuz aýyndaky satuwy geçen ýyldakydan 5 göterim ýokary bolup, 1 million 836 müňe ýetipdir.

**Ilmyrat AKMYRADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Garaşylandan bäş esse ýeňil

Alymlar köp ýyllardan bäri asman jisimlerini öwrenýärler. Ösen tehnologiýa asman jisimlerini, olaryň uzaklygyny, hereketini, massasyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Geçirilen soňky barlaglarda Akmaýanyň ýoly galaktikasynyň massasynyň ozal çak edilişinden bäş esse ýeňildigi ýüze çykaryldy. 100 milliard-



dan gowrak ýyldyzdan emele gelen bu toplum «Gaia» kosmos teleskopy arkaly toplanan maglumatlar esasynda gaýtadan seljerildi. Astronomlar ýyldyzlaryň tizligini we uzaklygyny ölçänlerinde olaryň agramy barada garaşylmadyk zadyň üstünden bardylar.

Bu barada «Astronomy & Astrophysics» atly žurnalda çap ediljek makalanyň awtory, Pariž obserwatoriýasynyň ylmy işgäri, Fransua Hammer bu ýagdaýa haýran galandyklaryny belleýär. Astronomlar ýyldyzlardan, planetalardan, gazdan we beýleki asman jisimlerinden emele gelen galaktikanyň massasyny asman jisimleriniň tizligine esaslanyp ölçeýärler.

**Akmyrat ALLAMYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Iň uly interaktiw gümmez açyldy

Dubaýda işe girizilen ýiti täsir galdyrýan iň uly interaktiw gümmez Ginnesiň rekordyny täzeledi. Bu ýerdäki degre-daşyňy gurşap alýan täsin öwüşginler sanly şekillerden üsti doldurylan funksiýaly planşetiň kömegi bilen dolandyrylýar. Bu ýere gelýänleriň özi täsin gurşawy döredip, 360 dereje lazer proýeksiýasyny düzüp bilerler.



– Biz bu ýerde hemme zadyň nähili işleýändigini barladyk. Bu ýerde myhmanlar hakykatdan hem gümmez bilen aragatnaşygy ýola goýup, dürli öwüşginleri döredip bilerler. Eýýäm ýanwar aýynda her kim öz telefony arkaly proýeksiýany dolandyryp biler - diýip, taslamanyň döredijilik boýunça ýerine ýetiriji müdiri Amna Abulhul gürrüň berdi.

Dürli konsertdir çykyşlar we yşyk şüweleňlerini guramak maksady bilen döredilen bu gümmez «Al Wasl» (baglanyşyk) diýlip atlandyrylýar. Ölçegi 24 müň inedördül metrden gowrak bolan desga ähli tarapdan duýgur displeý bilen enjamlaşdyrylandyr. Ginnesiň rekordlar kitabynyň resmi wekili Alwalid Osman desganyň binagärlik taýdan ajaýypdygyny, ony synlap görenler üçin aýratyn özüne çekijidigini belläp geçdi.

**Zübeýda AŞYROWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Sürüjisiz ulaglar üçin awtoýol gurlar

Häzirki awtoulaglarda sürüjiniň işini ýeňilleşdirýän awtomatlaşdyrylan tehnologiýalar näçe köp hem bolsa, ýolda entek dolulygyna özbaşdak hereket edýän awtoulaglara gözümiz düşmeýär. Sürüjisiz ulaglar dünýäniň käbir şäherinde synag maksady bilen diňe bellenen aralykda hereket edýär. Hytaýyň «Huawei», «Baidu» we «Alibaba» kompaniýalary sürüjisiz ulaglara niýetlenen awtoýol gurmagy meýilleşdirýär. Taslama ýurduň Ulag ministrligi



bilen bilelikde taýýarlanar. Mälim bolşy ýaly, «Baidu» sürüjisiz tehnologiýada dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň biri hasaplanýar. Hytaýyň birnäçe şäherinde hereket edýän kompaniýa sürüjisiz ulaglary ýolyşyklary, ýol belgilerini, ulaglary, pyýadalary we beýlekileri anyklaýan tehnologiýa eýe.

Täze taslamanyň çäklerinde «Huawei» kompaniýasy awtoulaglaryň ýoluň gyrasyndaky aragatnaşyk enjamlaryna birikmeklerini üpjün edýän çözgütleri işläp taýýarlar. Kompaniýa diňe smartfon däl, eýsem, aragatnaşyk tehnologiýasyna degişli köp sanly enjamlary öndürýär. «Alibaba» kompaniýasy bolsa bulut tehnologiýasy babatda tejribeli.

**Maýa ATABALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Astronawtlaryň eşigini modalar öýi taýýarlar

ABŞ-nyň aerokosmos edarasy (NASA) 2025-nji ýylda Aýa amala aşyryljak syýahata gatnaşjak astronawtlaryň eşigini taýýarlamagy üçin meşhur «Prada» modalar öýi bilen ylalaşdy. 1913-nji ýylda döredilen italýan «Prada» brendi erkekler we zenanlar üçin aňrybaş egin-eşikleri taýýarlaýar. Astronawtlaryň geýjek ýörite eşigini taýýarlamak üçin «Prada»-nyň hem-de «Axiom Space» kompaniýasynyň hünärmenleri bilelikde işlär. «Axiom Space» kosmosa adamly gatnawlara degişli hyzmatlary hödürleýär.



«Axiom Space» bu barada beren beýanatynda «Prada»-nyň bu taslama material hem-de önümçilik babatda goldaw berjekdigini mälim etdi.

«Prada» diňe Milandaky moda hepdeligi üçin däl, eýsem, türgenleriň egin-eşiklerini hem taýýarlaýar.

Kosmonawtlaryň kosmos gämisinde, orbitadaky bekediň daşyna çykanda ýa-da başga bir asman jisiminde geýýän eşigi bedeniň ýylylygyny kadaly saklamaga ukyply bolup, basyşy hem sazlamaly bolýar.

**Şöhrat MOMMYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Goralýan ýerleriň çägi giňeldildi

Saud Arabystanynyň hökümeti ýurduň sekizinji goraghanasyny döredendigini habar berdi. Täze döredilen goraghana üç bölege bölünip, tutýan meýdany dünýäniň birnäçe ýurdundan hem giň. Goralýan ýeriň çäginde deňiz kenarlary hem bar. Bu goraghana ekoulgamlary dowam etdirmek, ösümlikleri we nesli azalyp barýan jandarlaryň sanyny goramak maksady bilen döredilipdir.



Goraghananyň tutýan meýdany 30 müň inedördül kilometre barabar. Bu bolsa, gury ýerdäki we deňizdäki müňlerçe jandaryň we ösümligiň ýaýrawyny, deňzi, kenarýakany, depeleri, düzlükleri we jülgeleri öz içine alýar. Şeýle hem goraghananyň çäginde medeni ýadygärlikler we sungat eserleri hem bar.

Täze goraghana meýdany boýunça ýurtda üçünji boldy. Şeýle-de bolsa bu sebit geografik dürlülik babatda beýlekilerden tapawutlanýar. Goralýan ýeriň döredilmeginiň ýene bir maksady biodürlüligi gorap saklamak, çölleşme bilen göreşmek we ýabany tebigaty goramakdan ybarat.

Ýurtda 2030-njy ýyla çenli gury ýer we deňiz kenarlarynyň 30 göteriminiň goralýan çäk diýlip yglan edilmegi maksat edinilýär.

**Hojanazar TURAÝEW,**
*Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Ömrüň dowamlylygy artýar

Adamzat irki döwürlerden bäri uzak ýaşamagyň syrlaryny gözleýär. Soňky maglumatlara görä, adamyň ömrüniň dowamlylygy artýar. Şeýle-de has uzak ýaşaýanlaryň sany artýar. Häzirki wagtda dünýä ilatynyň müňden üçüsini 100 ýaşdan ulular emele getirýär.

Maglumatlara görä, dünýäniň iň uzak ýaşan adamy fransiýaly Žanna Kalman 1997-nji ýylda 122 ýaşynda aradan çykypdyr. Geçen ýyl dünýesini täzelän ýaponiýaly zenan Kane Tanaka 119 ýaşapdyr. Çaklamalara görä, 2050-nji ýyla çenli bir asyrdan köp ýaşanlaryň sany 2015-nji ýyldakynyň üç essesine ýeter. Şeýlelikde, 100 ýaşyndan geçenleriň sany 3,7 milliona golaýlar. Bilermenler saglygy goraýyş ulgamyndaky ösüşleriň adamyň ömrüni uzaldýandygyny belleýärler. Şeýle-de uzak ömür üçin arassa tebigat hem zerur. Dünýäde 100 ýaşdan geçenleriň ilat sanyna görä iň köp ýurtlaryň arasynda Ýaponiýa, Gwadelupa hem-de Urugwaý öňdeligi eýeleýär. Bu ugurda ýedinji ýerde durýan Angliýada bolsa, 100 ýaşyndan geçenleriň sanynyň 14 müňe golaýlandygy mälim edildi. «The Economics» neşirinde bu barada çap edilen makalada köp ýaşlylaryň, esasan, deňiz kenaryna golaý ýaşaýandygy bellenilýär.

## Täze usulyň üsti açyldy

Leonardo da Winçiniň «Mona Liza» atly meşhur eseri köp ýyldan bäri alymlaryň ünsüni çekip gelýär. Alymlar häzire çenli awtoryň bu eseri döredende peýdalanan usullary barada birnäçe çaklamalary orta atypdylar. Täzelikde bu eseriň belli bir böleginde «X-ray» şöhleleri arkaly barlag geçirildi. Netijede, italýan suratkeşiniň eserinde derek agajyndan ýasalan tagtanyň ýüzünde ulanan ýagly reňkiniň düzüminiň tapawutlydygy anyklandy. Fransuz we iňlis alymlary eseriň bary-ýogy adam saçynyň ýogynlygyndan hem kiçi bölegini öwrendiler. Topar suratyň birinji gatlagynda seýrek duş gelýän himiki birleşme bolan plumbonakrit maddasyna duş gelipdir. Bu madda ýagly boýag bilen garyşdyrylyp ulanylanda galyň gatlak emele getirýär. Ylmy barlag baradaky makalanyň awtory Wiktor Gonzalez mundan ozal taryhçylaryň belläp geçişi ýaly, suratkeşiň portreti döredende, reňkiniň galyň bolmagy we çalt guramagy üçin gurşun oksidiniň külkesiniň ulanylandygynyň tassyklanandygyny aýdýar.

**Reýhan JORAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 13-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112598
Belgisi: 41/1555
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA DIPLOMATIÝASYNYŇ DABARALANMASY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmenistanyň energetika pudagynda halkara ähmiýetli teklipleri dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen çözgütlerde beýanyny tapyp, birnäçe iri energetika taslamalarynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynda mynasyp dowam etdirilýär. Şol taslamalaryň hatarynda Türkmenistan – Hytaý, Türkmenistan – Eýran iri gaz geçirijilerini, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisini, Türkmenistandan Eýrana hem-de owgan tarapynda Pakistana çykalgasy bolan ýokary woltly elektrik geçiriji ulgamlaryny görkezmek gerek. Şu we beýleki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Ýewraziýa yklymynyň dürli sebitlerine Türkmenistanyň energetika serişdeleriniň iberilişini diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgesine esaslanýar. Şunda daşary döwletler we kompaniýalar bilen bilelikde köp ýyllaryň dowamynda işlenilmegi netijesinde, ýurdumyzyň özüni özara ynanyşmak, hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk we açyklyk ýörelgeleri esasynda iş alyp barýan jogapkärli hem-de ygtybarly hyzmatdaş hökmünde görkezendigini nygtamak zerurdyr. Häzir Türkmenistan hut şeýle ýörelgelere esaslanyp, halkara energetika hyzmatdaşlygynyň çäklerini giňeldýär.

Türkmen tarapy geljegi uly, täze hyzmatdaşlaryň hatarynda Uzak, Orta we Ýakyn Gündogar, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň birnäçesi bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine garaýar. Şol döwletler energetika babatda ýurdumyz bilen netijeli gatnaşyklara uly gyzyklanma bildirýärler we tekliplerini hödürleýärler. Şeýle döwletleriň hatarynda Yrak Respublikasy hem bar.

Golaýda, döwlet ministriniň – «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Bagdat şäherinde iş saparynda boldy. Saparyň dowamynda Türkmenistanyň wekilleri Yrak Respublikasynyň Premýer-ministri Mohammed Şiýa Al Sudani tarapyndan kabul edildi. Duşuşykda Yrak Hökümetiniň ýolbaşçysy öz ýurdunyň Türkmenistan bilen hemmetaraplaýyn we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmegine taýýardygyny belledi. Şol gatnaşyklarda energetika ulgamy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri bolar.



Premýer-ministr Al Sudani baý uglewodorod serişdeleriniň bardygyna garamazdan, milli ykdysadyýetiniň we ilatynyň gaza hem-de elektrik energiýasyna barha artýan isleginiň Yraga gazyň daşary ýurtlardan iberilişiniň möçberiniň artdyrylmagynyň zerurdygyny şertlendirýändigini aýratyn nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ol iki ýurduň döwlet energetika düzümleriniň arasynda gazanylan ylalaşyklary mübärekledi we olaryň iş ýüzünde durmuşa geçiriljekdigine ynam bildirdi.

Türkmen wekiliýeti elektroenergetika ministri Ziad Ali Fadel bilen hem gepleşikleri geçirdi. Gepleşikleriň dowamynda netijeli ýagdaýda türkmen tebigy gazyny Yraga ibermegi guramak bilen baglanyşykly meseleleriň toplumyna garaldy. Hususan-da, yrakly hyzmatdaşlar Türkmenistandan Yraga gazy goňşy Eýran Yslam Respublikasynyň çäklerinden swap usulynda almaga gyzyklanma bildirdiler. Gepleşikleriň netijeleri boýunça «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Yrak Respublikasynyň Elektroenergetika ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Ýurdumyz özüniň energetika pudagyndaky halkara hyzmatdaşlygynyň oňyn baý tejribesine eýerip, uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna hem-de ygtybarly hyzmatdaşlarynyň giň toparyna eýe bolmak bilen, milli gaz pudagyny ösdürmegi, köp görnüşli turbageçiriji infrastrukturasyny giňeltmegi, gaz pudagyndaky halkara düzgünler we tejribeler esasynda türkmen tebigy gazyny gyzyklanma bildirýän ýurtlara we kompaniýalara ugratmagy öz içine alýan energiýa syýasatyny alyp barýar.

**Serdar OSMANOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# WATANYMYZYŇ HALKARA ABRAÝY PUGTALANÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şu ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýetiniň örän ýokarydygyny nobatdaky gezek äleme äşgär etdi. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň türkmen halkyna iberen Gutlagynda nygtaýşy ýaly: «Türkmenistanyň Hökümeti sebit merkeziniň işine hemmetaraplaýyn yzygiderli goldaw berýär. Hususan-da, onuň syýasy-diplomatik gatnaşyklary öňe sürmekde, sebitde gapma-garşylyklaryň öňüni almakda, ynanyşmagy pugtalandyrmakda tagallalaryny we başlangyçlaryny goldaýar».

Ýurdumyzyň köpugurly halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge, ösüş arkaly parahatçylygy berkarar etmäge gönükdirilen tagallalary Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen gatnaşyklarynda, ýerine ýetirilýän meýilnamalaýyn işlerde aýdyň ýüze çykýar. Dünýä bileleşigi Türkmenistany halkara borçlaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ykrar edýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy milli gymmatlyklar ulgamynyň düzüm bölegidir. Hemişelik Bitaraplyk jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga, sebitde we dünýäde ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilip, ähli döwletler, şeýle hem iri halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygynda, häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň çözgütlerinde has-da aýdyň duýulýar.

Türkmenistan ynsanperwerlik hukugy ulgamynda halkara borçnamalaryny hemmetaraplaýyn we gyşarnyksyz ýerine ýetirýän döwlet hökmünde tanalýar. Biziň ýurdumyz BMG-niň adam hukuklary we azatlyklary boýunça möhüm konwensiýalaryny hem-de beýleki köptaraplaýyn halkara namalary gyşarnyksyz berjaý etmäge ygrarlydygyny tassyklamak bilen, ynsanperwer ulgamda anyk işleri amala aşyrmaga işjeň gatnaşmaga taýýardygyny beýan edýär. Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynyň kabul edilmegine 75 ýyl hem-de Wena Jarnamasynyň we hereketler maksatnamasynyň kabul edilmegine 30 ýyl dolýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bu seneler mynasybetli birnäçe çäre geçirmegi meýilleşdirýär.





Dürli döwletler bilen syýasy, ykdysady we ynsanperwer ulgamlarda deňhukukly gatnaşyklaryň ösdürilmegi, şeýle hem iri halkara guramalar, şol sanda BMG hem-de onuň düzüm birlikleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy ýurdumyzyň alyp barýan daşary syýasatynyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan möhüm ugurlarydyr. Muny Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen «2023-nji ýyl – Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi hem aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Halkara ösüşleriň sakasynda duran hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň we onuň halkara abraýynyň has-da belende galmagynyň bähbidine alyp barýan giň gerimli işlerinde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Maýa ATAJANOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy.*

# BILIM ULGAMYNYŇ ROWAÇLY MENZILLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyz uly ösüşlere, taryhy wakalara beslenýär. Ýaşlygyň möwç urýan joşguny bolup gelen bu ýylda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işlerini üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek, döwrebaplaşdyrmak, geljegimiz bolan ýaş nesli sagdyn, ylymly-bilimli, aň-düşünjeli kemala getirmek babatda amala aşyrýan beýik işleri ähli halkymyzy guwandyrýar.

Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli Arkadag şäherinde bilim edaralarynyň açylmagy, şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçiren umumy sapagy aýratyn taryhy waka bolup kalbymyzda orun aldy.



Bu günki gün Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesle durnukly ösüşiň we halkymyzyň döredijilik hyjuwynyň esasy binýady hökmünde garalýar. Şu ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylmagy hem döwletimiz tarapyndan ýaşlara uly ynam bildirilýändigini, olaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ylymly-bilimli, giň düşünjeli adamlar bolup ýetişmekleri üçin ähli şertleriň döredilýändigini özboluşly şöhlelendirýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy sapagynda beýan eden gymmatly pikirleri, çuňňur mazmunly öwüt-ündewleri we maslahatlary eziz Watanymyzy ýakyn geljekde has-da belent sepgitlere ýetirmekde we depginli ösdürmekde öňde durýan wezipeleriň möhüm ugurlaryny kesgitledi.

Gahryman Arkadagymyzyň umumy sapagyndaky çykyşynda biziň üçin mizemez mekdep bolup hyzmat edýän merdana pederlerimiziň durmuş tejribesi bilen kemala gelen kämil ahlak gymmatlyklary, ata-babalarymyzyň jöwher zehininden dörän paýhaslary, millilige ýugrulan wesýetleri, öwüt-ündewleri ösüp gelýän ýaş nesil bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň ähli görnüşlerinde pedagogik işgärler tarapyndan gymmatly hazyna hökmünde peýdalanylmalydyr. Şeýle parasatly sözler ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemekde, olarda watansöýüjiligi kemala getirmekde mukaddes ýörelgedir.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly bolmagyna, olaryň döwrebap hünär öwrenmegine hem-de ata-babalarymyzdan gelýän milli ýörelgeler esasynda terbiýelenmegine aýratyn üns berilýär. Şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyzyň umumy sapagy ýaşlary milli ruhda terbiýelemekde asylly ýörelge, aýdyň ýol boldy.

Ylym-bilim ulgamyny ösdürmekde, ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemekde, olara hünärleri öwretmekde giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Nurgeldi BUGRAÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# PAÝHAS UMMANYNYŇ BELENT SARPASY

Garaşsyz ýurdumyzda Gündogaryň akyldar şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şygyrlaryna, edebi mirasyna uly sarpa goýulýar. 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny giň gerim bilen bellemäge taýýarlanylýar.

Gahryman Arkadagymyz beýik şahyra hormat goýýar. Muňa Milli Liderimiziň Magtymguly Pyraga bagyşlap döreden şygryda aýdyň mysaldyr. Köpetdagyň eteginde Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň gurluşygy güýçli depginde dowam edýär. Gahryman Arkadagymyz ýaňy-ýakynda bu ýerde alnyp barylýan işler bilen tanşan pursadynda Magtymguly Pyraga bagyşlan täze şygryny şol ýerde okap bermegi bizi has-da buýsandyrdy.

*Ähli şygyr äleminiň wepaly hyzmatkäri –*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.*
*Mizemez binalaryň peýmany-ygtybary –*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.*

Beýik şahyryň döredijiligi döwrüň ähli meselelerini öz içine alýar. Onuň döredijiliginde agzalmadyk tema, gozgalmadyk mesele ýok bolsa gerek. Olarda halallyk, agzybirlik, myhmansöýerlik, watansöýüjilik, ýşk babatda söhbet açylýar. Şahyryň ýazan şygyrlary her bir ynsanyň kalbynda ýer edip, ýürekleriň töründe ýaşaýar. Pyragynyň döredijiligi umman ýaly giň. Şahyryň döredijiligi Jemşidiň jamyna deňelýär. Söz ussady Magtymgulynyň ajaýyp goşgulary halkymyz üçin ýol görkeziji şamçyrag bolup hyzmat edýär. Akyldar şahyryň dürdäne setirleri bahasyna ýetip bolmajak hazyna.

Ýakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň» ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň Halkara sanawyna girizilmegi bilen bagly degişli şahadatnamalary gowşurdy.



Mälim boluşy ýaly, 10-24-nji maýda Pariž şäherinde ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 216-njy mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň garamagyna hödürlän «Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumyny» bu guramanyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň Halkara sanawyna girizmek hakyndaky çözgüt biragyzdan kabul edildi.

Munuň özi türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň tutuş dünýäde ähmiýetlidigini we halkara giňişliginde giňden ykrar edilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Beýik Pyragynyň adamzadyň genji-hazynasyna öwrülen şygyrlarynda öňe sürýän pikirlerinde esasy ugur adamyň gadyryny bilmek, ynsan mertebesini sarpalamak barada bolup, şahyryň döredijiligine näçe çuň aralaşdygyňça, akyl-paýhas ummanynda ýüzüp barýan ýaly duýgyny başdan geçirýärsiň. Biri-birinden ajaýyp goşgularyň, ilkinji nobatda, ýaşlary terbiýelemekde esasy ýol-ýörelge, mekdep bolup durýandygy bolsa aýratyn bellenilmeli ýagdaýdyr.

Dana şahyrymyzyň şygyrlary halkyň aňynda ýaşaýar, dilden-dile geçip, dünýäni seýran edýär. Kämil eserleriň, elbetde, ömri bakydyr. Akyldar şahyryň parasatly hem dana sözleri nakyllara, atalar sözlerine öwrülip, il arasynda dilden düşmän gelýär. Magtymguly şygyrlaryny halk döredijiliginde işjeň ulanylan goşgy düzülişiniň murapbag görnüşinde ýazypdyr. Çünki goşgy düzülişiň bu usuly ýat tutmaga, aýdym edip aýtmaga amatly bolupdyr. Halk öz şahyryna ähli döwürlerde hem aýratyn hormat goýupdyr. Onuň eserleri ençeme gezek neşir edildi, ençeme ylmy işler, monografiýalar ýazyldy. Onuň edebi mirasyny daşary ýurt alymlary-da öwrenýärler.

**Ogulgözel ATAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ GURALY HÖKMÜNDE «AKYLLY» ŞÄHER

Taryhyň dowamynda ösüşleri häsiýetlendirmegiň ilkinji esaslarynyň biri uly we ösen şäherleriň döremegi bilen baglanyşdyrylýar. Ösen şäherler ýurduň ýokary kuwwatyndan habar berýär. Gadymy Gresiýada, Mesopotamiýada hem ösen şäher döwletleri kemala gelip, şeýle şäherleriň aýratynlygy jemgyýetçilik-syýasy babatdaky özbaşdaklygyndadyr. Ösen şäherlere sosial faktorlaryň birnäçesi mahsus bolup, adamlaryň özüni alyp barşyna, gözellik-duýgy gatnaşyklaryna, sagdynlygyna täsir edýän ýagdaýlary nazara alýar. Geçen asyryň dowamynda dünýäde şäherleşme yzygiderli artdy. Ösen şäherler, ösen senagat, köplenç, ekologik meseläniň döremegine getirýän sebäpleri hem özünde saklaýar.

Maglumatlara görä, 2007-nji ýylda dünýä ilatynyň şäherde ýaşaýan bölegi olaryň umumy sanynyň ýarysyndan öňe geçdi. Şunuň özi şähergurluşyk taslamalarynyň umumy medeni-durmuş ulgamynda has ynamly orny eýeleýändigini görkezýär. Şeýlelikde, şäher ilaty üçin ählitaraplaýyn ýokary derejedäki intellektual gurşawy döretmek bilen, şol düzümleriň elýeterliligini üpjün etmegiň ýollary hakynda pikirlenmek täze wezipe bolup durýar. Häzirki döwürde ösen şäherler ýörelgesiniň ornuna «akylly» şäher ýörelgesi has köp ulanylýar. Şunuň özi, ilkinji nobatda, ösen şäherleriň artmagy, senagatlaşma sebäpli görnetin ýüze çykýan ekologiýa we beýleki meseleleriň öňüni almaga gönükdirilýär. BMG-niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin niýetlenen Durnukly ösüşiň maksatlarynyň on ýedi ugry babatda hem netijeli iş alyp barmagyň oňaýly guraly hökmünde «akylly» şäher ýörelgesiniň goldanylmagy dogrudyr. Bu söze dürli çeşmelerde dürli kesgitlemeler berilýär. Ýewropada maglumat-aragatnaşyk serişdeleriniň hasabyna jemgyýetçilik meselelerini çözmäge gönükdirilen işi amala aşyrýan şäher göz öňünde tutulýar. Ekologiýa bilen baglanyşyklylykda «akylly şäher – aýawly şäher» diýen kesgitleme hem maksada laýyk gelýär. Türkmenistan babatynda alnanda, bu filosofik, medeni we sosial meseleler bilen birlikde, tutuş adamzadyň öňünde durýan geljegiň wezipeleriniň esasynda kemala gelýän kesgitlemedir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda Durnukly ösüşiň maksatlarynyň Türkmenistanda milli derejede nähili amala aşyrylandygy barada anyk netijeler beýan edilýär. Bu barada Gahryman Arkadagymyz eserinde şeýle belleýär: «Munuň özi BMG-niň Durnukly ösüş maksatlarynda jemlenip, şondan gelip çykýan netijeler bolsa «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» diýen düýpli işde öz beýanyny tapdy». «Toplanan ylym-bilim tejribeleriniň netijeleri seljerilip, şolar esasynda XXI asyrda durnukly ýaşaýşy üpjün etmegiň taglymatynyň döredilmegi möhümdir» diýmek bilen bolsa, Gahryman Arkadagymyz durnukly ösüşiň has möhüm ähmiýetini belleýär. Şundan görnüşi ýaly, durnukly ösüş, milli derejedäki maksatnama hem bolup durýar.

«Akylly» şäheriň durnukly ösüşi üpjün edijihökmündäki esasy tarapy, raýatyň ýaşaýyş derejesine täsir edýänligidir, ýagny şäher ýaşaýjylarynyň ösen hyzmat bazary bilen bilelikde, zähmet bazarynda hem artykmaçlygyny ykrar etmegindedir. Şunuň özi hojalyk-durmuş ulgamynyň dolandyryş gurallary bilen birlikde, senagat gurluş düzümleriniň hem döredilýänligine esaslanýar.

Ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan «akylly» şäher konsepsiýasynyň Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilmeginde ýerine ýetirýän wezipesine garap geçeliň. «Akylly» şäherleriň döredilmegi täze inženerlik tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagynyň netijesinde, adaty şäherlerde ýüze çykýan gyzgalaňly durmuş şertleri zerarly wagtyň köp sarp edilmeginiň öňüni almakdyr. Ýaşaýjylaryň wagtyny gündelik hojalyk aladalaryna az sarp edip, özlerini ruhy we beden taýdan yzygiderli kämilleşdirmekleri üçin mümkinçilikleriň döredilmegidir.

Sebitde iri taslamalaryň biri bolan Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda 336 sany bina we desganyň, şol sanda ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlarynyň, çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, hassahanalaryň, orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň, edara binalarynyň we beýleki desgalaryň gurulmagy meýilleşdirildi. Has takygy, bu iri merkeziň birinji tapgyrynda 11 sany jemgyýetçilik binasy, 25 sany edara binasy, 19 sany bilim edarasy, 258 sany ýaşaýyş jaýy, 9 sany saglyk we sport binasy bilen bir hatarda, inženerçilik ulgamlarynyňdyr desgalarynyň 14-siniň gurulmagy taslamanyň örän giň gerimliligini görkezýär.

Durnukly ösüşiň durmuşa geçirilmegi bilen baglylykda, medeniýeti öwrenişiň nukdaýnazaryndan şeýle artykmaçlyklary beýan etmekçi:

Gender deňligi. Şahsyýetleriň adynyň ebedileşdirilmegi, «akylly» şäherde meşhur şahsyýetler hakyndaky maglumatlaryň bilim hökmünde medeni-jemgyýetçilik gurşawyna ornaşmagyna ýardam edýär.

Elýeterli we arassa energiýa. Döwrebap şähergurluşyk ýörelgesine laýyklykda, ekologiýa taýdan arassa elektrobuslardyr elektromobilleriň hereketi ýola goýuldy.

Arassa suw we arassaçylyk. Agyz suwuny sarp edilişini ölçeýji ulgamlar gurnaldy. Şäherde 415,4 kilometr agyz suw, suwaryş, sil suwlaryny sowujy akabalar, suwuň derejesini peseldiş ulgamy we lagym geçirijileri bar. Bular «akylly» şähere mahsus bolan «jogapkärçilikli sarp edişlik we önümçilik maksadyna» laýyk gelýär.

Ýokary hilli bilim. Şäherde gurlup ulanylmaga berlen binalarda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmaklarynda işlenip düzülen bilim ulgamynyň sanly çözgütlerini, ýagny mekdep, mugallym, ata-ene hem okuwçy üçin maglumatlary onlaýn usulda almaga mümkinçilik berýän mekdep ulgamyny; talyplaryň okuwa degişli maglumatlary özleşdirmeklerine mümkinçilik berýän bilim portalyny; okuw maksatnamalaryna girizilen kitaplaryň ählisini bir ýerde jemleýän sanly kitaphana ulgamyny; onlaýn ders bäsleşiklerini we synaglary geçirmäge mümkinçilik berýän sanly ulgamy girizmek bilen bagly işler geçirildi.

Sagdyn durmuş we abadançylyk. Şäherde diňe saglyk öýleri däl, «Saglyk» seýilgähi hem göz öňünde tutuldy.

Gury ýer ekologiýa ulgamyny gorap saklamak. Bu konsepsiýanyň esasy ugry bolsa bina edilýän desgalaryň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa serişdeleriň ulanylmagyndan we ýokary ekologiýa derejäni üpjün etmekden ybaratdyr.

Täze şäherde ulanylýan «ýaşyl» tehnologiýalar halkyň ekologiýa ykdysadyýetini, ekologiýa medeniýetini ösdürmek üçin örän wajypdyr.

**Maksat IŞANGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Ylym bölüminiň başlygy.*

# JEMGYÝETIŇ IŇ ÝOKARY GYMMATLYGY

Ýurdumyzda «Il saglygy – ýurt baýlygy» diýen pähimden ugur alnyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde yglan edilen adam saglygyny goramak babatda giň möçberli işler alnyp barylýar. Ilatyň saglygyny goramakda, keselleriň öňüni almakda we olary ýok etmekde, saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny dünýä derejesinde ösdürmekde ýurdumyzda uly ösüşler gazanyldy.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: «Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun» diýşi ýaly, ynsan saglygyny goramak, saglygyň gadyryny bilmek halkymyzyň gadymdan gelýän ýörelgesidir. Saglyk her bir adamyň iň uly baýlygydyr. Adamlaryň saglygyny goramak bolsa döwletimiziň baş aladasydyr. Çünki her bir adam hakyndaky alada, bu tutuş jemgyýet hakyndaky aladadyr. Şundan ugur alnyp, halkymyza ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny etmek, raýatlarymyzyň ömür dowamlylygyny uzaltmak döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Ilatyň saglygy baradaky aladanyň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde durýandygyna mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 32 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýene bir gezek göz ýetirdik. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz bu mejlisde sözlän çuňňur manyly sözünde: «... Halkyň saglygy diňe bir ýurduň baş baýlygy bolman, eýsem, türkmenistanlylaryň häzirki we geljek nesilleriniň bagtyýar durmuşynyň hem berk binýadydyr» diýip nygtady.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hem Halk Maslahatynyň taryhy mejlisinde eden çykyşynda häzirki döwürde saglygy goraýyş ulgamynyň depginli ösdürilip, halkymyza dünýä ölçeglerine laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlarynyň edilýändigine ünsi çekmek bilen, şu ýyl bu ulgama Döwlet býujetinden 2 milliard 900 million manat möçberinde maliýe serişdeleriniň goýberilendigini, saglyk desgalarynyň gurluşygy üçin 1 milliard 900 million manat maýa goýum serişdesiniň gönükdirilendigini nygtady. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Aşgabatda Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki we Halkara sagaldyş-dikeldiş merkezleriniň gurluşygy dowam etdirildi. Halkara iç keselleri, Halkara «Ene mähri» we Halkara saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça işler ýerine ýetirilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermegi bilen paýtagtymyzda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleriniň we Stomatologiýa merkeziniň düýbi tutuldy.

Häzirki döwürde saglygy goraýyş ulgamynyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylyp, oňa iň häzirki zaman gazananlarynyň, ösen tejribeleriň ornaşdyrylýandygyna Köpetdagyň eteginde döwrümiziň okgunly ösüşleriniň nyşany bolup dörän döwlet ähmiýetli Arkadag şäheriniň mysalynda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. Şäheriň birinji tapgyrynda saglygy goraýyş desgalarynyň hem ençemesi açylyp, raýatlaryň hyzmatyna berildi.



Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 30-njy awgustynda gol çeken Permanyna laýyklykda, her ýylyň 10-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni bellenilýär. Bu bolsa saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň tutanýerli zähmetini, ilatyň sagdyn durmuşyny üpjün etmäge goşýan uly goşantlaryny has-da dabaralandyrýar. Saglygy goraýyş edaralarynda zähmet çekip, halkyň saglygyny goramakda, saglygy goraýyş işini ösdürmekde goşant goşan ýokary hünärli lukmanlara «Türkmenistanyň halk lukmany» diýen hormatly at dakylýar.

Ýeri gelende bellesek, Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň Milli Lideri lukman Arkadagymyzyň uzak geljegi nazarlaýan çuň paýhasy, yhlasy siňen «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegi netijesinde ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, bedenterbiýäni we köpçülikleýin sporty işjeňleşdirmek, eneligi we çagalygy goramak, keselleri has irki döwürde anyklamak we bejermek, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek, bu ugurda başarjaň hünärmenleri taýýarlamak babatda amala aşyrylan beýik işler dünýä nusgalyk kämil tejribe boldy.

Häzirki wagtda ýurdumyzda 2021 – 2025-nji ýyllar üçin «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» atly milli strategiýa, Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022 – 2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy, «Türkmenistanda ilatyň saglyk abadançylygyny üpjün etmek boýunça 2023 – 2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnama» ýaly iri taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýurt Garaşsyzlygymyzyň 32 ýylynyň içinde keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň bellenilen tertipnama laýyklykda geçirilmeginiň netijesinde, howply ýokanç keselleriň öňüni almakda we ýok etmekde ýetilen sepgitler we gazanylan üstünlikler halkara derejede ykrar edildi.

Dünýäde çaga üçin iň ygtybarly, ýokumly we bahasyna ýetip bolmajak önüm bolan ene süýdi bilen iýmitlendirmek boýunça bellenilen 10 düzgüni üstünlikli amala aşyrýandyklary nazara alnyp, ýurdumyzyň enäniň we çaganyň saglygyny goramak babatynda işleri alyp barýan ähli hassahanalary, şol sanda welaýatymyzyň «Ene mähri» merkezi, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, etrap hassahanalary Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň bilermenleri tarapyndan geçirilen ýörite barlaglaryň netijesinde «Çaga mähirli garaýyşly hassahana» diýen halkara derejä mynasyp boldular.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyndan näsag çagalaryň ýüzlerçesine degişli goldawlar berlip, paýtagtymyz Aşgabatda, ýurdumyzyň welaýatlarynda zerur bolan operasiýalar we bejergiler geçirilýär.

**Söhbet GURBANALYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



**Mask ýene-de baý boldy.** Ilon Mask «Forbes» žurnaly tarapyndan her ýyl düzülýän ABŞ-nyň iň baý 400 adamynyň sanawynda ýene-de birinji orny eýeledi. Neşir «SpaceX»-iň we «Tesla»-nyň eýesiniň baýlygynyň 251 milliard dollara barabar bolandygyny çaklaýar. Ikinji orunda 161 milliard dollary bilen «Amazon» korporasiýasynyň başlygy Jeff Bezos gelýär.



**«Älemiň supermodeli – 2023».** Russiýanyň wekili, iki çaganyň ejesi, 36 ýaşly Irina Kirsanowa Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde geçirilen «Älemiň supermodeli - 2023» halkara gözellik bäsleşiginde ýeňiji boldy. Bu halkara gözellik bäsleşigi Kuala-Lumpurda 2016-njy ýyldan bäri geçirilýär.



**«Bugatti»-niň täze äýnekleri.** Parižde geçirilen SILMO halkara optiki sergisinde «Bugatti» Günden goraýan täze äýnek toplumyny hödürledi. Ol «Collection Two» diýip atlandyrylýar, täze tapgyrda 16 görnüşli dizaýn bolar – şeýle-de bolsa, şu wagta çenli resmi suratlarda diňe bäş görnüşi görkezildi.



**Wenera enjam ugradar.** Hindi kosmos gözleg guramasy (ISRO) 2024-nji ýylda meýilleşdirilýän Wenera missiýasy üçin enjamlaryň eýýäm işlenip düzülendigini habar berdi. 2024-nji ýylyň dekabr aýynda Wenera missiýasyny uçurmak meýilleşdirilýär. 2025-nji ýylda Ýer bilen Wenera biri-birine has ýakyn wagty stansiýa Wenera orbitasyna girer.



**Iň garry akwarium balygy.** ABŞ-da, takmynan, 100 ýaşyndaky iň garry akwarium balygy ýaşaýar. Mafusail atly balyk 1938-nji ýylda Awstraliýadan gämide ABŞ-a getirilipdir. Alymlar onuň häzirki wagtda dünýädäki iň garry akwarium balygydygyny çaklaýarlar. Barlaglar onuň 92 ýaşdan 100 ýaş aralygyndadygyny görkezdi.



**Bir gezeklik plastikler gadagan edildi.** Beýik Britaniýada bir gezek ulanylýan käbir plastik önümlere girizilen gadaganlyk güýje girdi. Düzgünlere laýyklykda, indi dükanlardan we myhmanhanalardan nahar iýilýän plastik enjamlar, howa şarlary üçin taýajyklar we polistirol bulgurlar ulanyşdan aýrylar.



**Rekord derejä çykarmakçy.** «Boeing» kompaniýasy iň köp satylýan 737 dar fýuzelýažly uçarynyň önümçiligini 2025-nji ýylyň iýul aýyna çenli 57 birlik möçberinde rekord derejä ýetirmegi meýilleşdirýär. «Boeing» bu meýilnamany umumy üpjünçilik tertipnamasynyň soňky görnüşinde agzady.



**Goragçy robot-möjek.** Robot-möjekler Ýaponiýada obalary aýylardan gorap başladylar, olar elhenç uwlap, gözleri gyzyl uşyk bolup ýanýar. Ýapon sebitleriniň häkimiýetleri şeýle elektron goragçylary has köp sargyt edýärler. Soňky 60 ýylda Hokkaýdo adasynda aýylaryň adamlara hüjüm edýän ýagdaýlary hasaba alyndy.



**«Lexus TX 2024» hödürlendi.** «Lexus TX» 2024-nji ýylyň täze ulagy bolup, hatarda «Lexus RX L»-iň ornuny tutýar. Ol, GX bilen deňeşdirilende, has kiçi göwrümde we iň ýokary derejeli LX-den ep-esli arzan bahadan salonyň üç hatarly düzülişini hödürleýär. 2024-nji ýylyň «Lexus TX»-iniň esasy bahasy 55 müň 50 dollar bolar.



**Monblan dagy 2,2 metr peseldi.** Günbatar Ýewropanyň iň beýik nokady hasaplanýan Alp dag gerişleriniň Monblan dag gerşi soňky 10 ýylda 2,2 metr peseldi. Ölçegler 14-16-njy sentýabr aralygynda topograflar, alymlar we türgenler topary tarapyndan geçirildi, olaryň arasynda fransuz biatletçisi Marten Furkad hem bar. Gözlegleriň netijelerine görä, dagyň häzirki beýikligi 4 805, 59 metr.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1792-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda ABŞ-nyň Prezidentiniň 1902-nji ýyldan bäri resmi taýdan «Ak Tam» ady bilen tanalýan binasynyň ilkinji daşy goýuldy. ABŞ-nyň Prezidentiniň hemişelik iş rezidensiýasy Ak Tam Waşingtonyň merkezinde, Pensilwaniýa şaýolunda ýerleşýär. Ak Tamyň guruljak ýerini ABŞ-nyň ilkinji Prezidenti Jorj Waşington saýlady.**



# STOKGOLMDA NOBEL HEPDELIGI GEÇIRILDI

**3-9-njy oktýabr aralygynda Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda nobatdaky Nobel hepdeligi geçirildi. Bu baýrak 1901-nji ýyldan bäri berlip, jemgyýetçilik-syýasy, ynsanperwer ugurlarda iň abraýly halkara baýraklaryň biri bolup durýar. Nobel gaznasynyň düzgünine görä, Nobel baýragynyň dalaşgärleri Nobel komitetiniň agzalary, maslahatçylary hem-de dürli ýurtlaryň hökümetleri tarapyndan hödürlenýär. Lukmançylyk, fizika, himiýa, edebiýat we ykdysadyýet boýunça baýraklar Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda, parahatçylyk baýragy bolsa, Norwegiýanyň paýtagty Osloda gowşurylýar.**



5-nji oktýabrda 2023-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragyna norwegiýaly ýazyjy Ýun Fosse «beýan etmesi ýeňil bolmadyk pýesalary we prozalary üçin» mynasyp boldy. «Ýun Fosse öz döredijiliginde dürli-dürli žanrlara ýüzlenýär. Ýazyjy köp sanly pýesalary, romanlary, goşgular ýygyndysyny, esseleri, çagalar üçin kitaplary we terjimeleri bilen tanalýar. Şu günki günde ol dünýäniň iň meşhur dramaturglaryndan biri bolup, häzirki zaman teatrynda esasy täzelikçileriň biri bolup durýar. Ýazyjy öz eserlerinde iň ýönekeý adalgalary ussatlarça ulanyp, adamda iň güýçli duýgulary ýüze çykarýandygy bilen tapawutlanýar. Onuň eserlerinde mähir we wäşilik, şeýle hem sadadan gowşaklyk hem-de adam tejribesiniň gödeňsi şekilleri göze ilýär» diýlip, baýragyň metbugat üçin beýanatynda habar berilýär.

6-njy oktýabrda Eýranyň adam hukuklary boýunça hünärmeni Narges Mohammadi 2023-nji ýylyň parahatçylyk boýunça Nobel baýragyna mynasyp boldy. «Norwegiýanyň Nobel komiteti Narges Mohammadiýe 2023-nji ýylyň parahatçylyk baýragyny bermek kararyna geldi» diýlip, komitetiň web sahypasynda habar berilýär.

9-njy oktýabrda 1968-nji ýylda Şwesiýanyň Döwlet banky tarapyndan Alfred Nobeliň hormatyna döredilen ykdysadyýet boýunça baýraga amerikaly ykdysatçy Klaudiýa Goldin «zenanlaryň zähmet bazaryndaky işleri babatda düşünjäni ýokarlandyrandygy üçin» mynasyp boldy. Baýragyň web sahypasynda çap edilen metbugat üçin beýanatda Klaudiýa Goldiniň zenanlaryň gazançlary we zähmet bazaryndaky orny barada ilkinji giňişleýin hasabaty hödürländigi bellenilýär. Baýragyň bu ýylky eýesi dürli arhiwleri agtaryp, geçen 200 ýyldan gowrak döwrüň maglumatlaryny öwrendi. Bu ýagdaý oňa girdejileriň artmagynyň we iş ýerlerindäki gender päsgelçilikleriniň aradan aýrylmagynyň sebäplerini anyklamaga mümkinçilik berdi. Mundan başga-da, ol gender päsgelçilikleriniň saklanyp galmagyna täsir edýän esasy faktorlary aýdyňlaşdyrdy.

Ozal habar berlişi ýaly, 2-3-4-nji oktýabrda 2023-nji ýylyň fiziologiýa ýa-da lukmançylyk, fizika hem-de himiýa boýunça Nobel baýraklarynyň eýeleri mälim edildi. Baýraklaryň gowşurylyş dabarasy Nobeliň aradan çykan güni, 10-njy dekabrda geçiriler. Her ugurdaky pul baýragynyň mukdary 11 million krona (takmynan, 1 million dollar) deň bolar.

# Le Pen öňde barýar

Fransiýanyň her ikinji raýaty ýurduň parlamentindäki aşa sagçy «Milli bileleşik» partiýasynyň lideri Marin Le Peniň 2027-nji ýylda saýlanmagy üçin zerur häsiýetlere eýedigini tassyklaýar, ilatyň 61%-i bolsa, onuň indiki Prezident bolup biljekdigine ynanýar. Bu barada «Elabe» barlag we maslahat beriş kompaniýasynyň geçiren pikir soralyşygynda bellenilýär.

«Saýlawdan dört ýyl öň, Marin Le Pen baradaky düşünjeler gowulaşmagyny dowam etdirýär. Pikiri soralanlaryň ýarysyna golaýy (48%) onuň «fransuzlary birleşdirmäge» ukyplydygyna we «Prezident bolmak üçin zerur häsiýetlere eýedigine» ynanýar. Pikiri soralanlaryň 61%-i bolsa, onuň indiki döwlet ýolbaşçysy bolup biljekdigine ynanýar» diýlip barlagda bellenilýär.

Onuň abraýynyň ilatyň ähli gatlaklarynyň arasynda, esasan hem, pensiýa ýaşyndaky raýatlaryň arasynda gowulanýandygy bellendi. Pikiri soralanlaryň 32%-i onuň döwlet Baştutanynyň wezipesini has gowy berjaý etjekdigine ynanýar. Ilatyň durmuş derejesi pes gatlagynyň arasyndaky goldawy 40%-e ýetýär.

Le Pen «özgerdip bilýän» (61%) batyrgaý we dinamik syýasatçy (67%) hökmünde häsiýetlendirilýär.

Şol bir wagtyň özünde Le Peniň howpsuzlyk (55%), immigrasiýa (58%), bilim (53%), saglygy



goraýyş (51%) we satyn alyş güýji (54%) babatynda üstünlikli syýasat alyp barjakdygyna şübhelenýärler.

Pikiri soralanlaryň aýtmagyna görä, saýlawlarda Le Peni ýeňip biljek ýeke-täk dalaşgär, öňki Premýer-ministr Eduar Filip. Makronyň prezidentlik ygtyýarlyklary 2027-nji ýylyň ýazynda gutarýar. Bu pikir soralyşyga 10 müň adam gatnaşdy.

# «Bir guşak, bir ýol» forumy guralar

**17-18-nji oktýabrda Pekinde halkara hyzmatdaşlygy boýunça «Bir guşak, bir ýol» taslamasynyň üçünji forumy geçiriler. Bu barada Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Hua Çuin tarapyndan çap edilen beýanatda bellenilýär. Forumyň esasy mowzugynyň taslamanyň ýokary hilli gurluşygy, umumy ösüşiň we abadançylygyň bilelikde gazanylmagy boljakdygy bellenildi.**

**«Hytaýyň Başlygy Si Szinpin forumyň açylyş dabarasyna gatnaşyp, söz sözlär, şeýle hem foruma gatnaşýan myhmanlar bilen ýokary derejeli ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirer» diýlip beýanatda bellenilýär. Mundan öň Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň we Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiçiň foruma gatnaşjakdygy habar berlipdi.**



**«Bir guşak, bir ýol» başlangyjy 2013-nji ýylda Si Szinpin tarapyndan teklip edilen taslamadyr. «Bir guşak, bir ýol» Merkezi Aziýanyň, Ýewropanyň we Afrikanyň 60-dan gowrak ýurduny birleşdirýän täze söwda we ulag geçelgesini döretmek we bolanlaryny kämilleşdirmek boýunça Hytaýyň halkara başlangyjy bolup, Hytaý bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmegine itergi berýär. Häzirki wagtda oňa 150-den gowrak ýurt we halkara gurama goşuldy.**

# Gün elektrik stansiýalarynyň birini işe girizer

**Abu-Dabiniň TAQA milli energiýa kompaniýasy ýakyn wagtda BAE-de kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny ýylda 2,4 million tonna azaltmaga mümkinçilik berjek dünýädäki iň uly Gün elektrik stansiýalarynyň birini işe girizmegi meýilleşdirýär. Bu barada kompaniýanyň baş müdiri Jasem Huseýn Tabet aýtdy.**

**– Täzelenip bilýän energiýa çeşmeleri babatynda, birnäçe hepdäniň içinde dünýädäki iň uly Gün fotoelektrik desgalarynyň birini açarys. Doly kuwwatynda işledilende, ol kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny ýylda 2,4 million tonna azaltmaga kömek eder – diýip, Tabet Abu-Dabide geçirilen ADIPEC sergisinde eden çykyşynda aýtdy.**

**TAQA-nyň müdiriniň sözlerine görä, stansiýada öndürilen elektrik energiýasy bir kWt sagady üçin 1,32 sent nyrhdan satylar. Şeýlelikde, taslama dünýäde ykdysady taýdan iň netijeli taslamalaryň birine öwrüler.**

**Stansiýanyň gurluşygy 2020-nji ýylda emirligiň paýtagty Abu-Dabide ýerleşýän Ad-Dafra sebitinde başlandy. Taslamany durmuşa geçirmeklige TAQA kompaniýasy bilen bilelikde Emirligiň «Masdar», Fransiýanyň «EDF Renewables» we Hytaýyň «Jinko Power» kompaniýalary gatnaşýar.**

**2021-nji ýylda BAE 2050-nji ýyla çenli ýurtda uglerod bitaraplygyny gazanmagy maksat edinýän «Net Zero – 2050» strategik maksatnamasyny ýola goýdy. Ýurtda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini giň gerimde ösdürmek we olary ulgamlaýyn infrastruktura arkaly ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar. 2022-nji ýylyň dekabrynda BAE şeýle taslamalara 40 milliard dollardan gowrak maýa goýdy.**



# Ilaty 20 milliona golaýlaýar

1-nji sentýabrda Gazagystanyň ilaty 19 million 944 müň 726-a deň boldy. Bu barada ýurduň Milli statistika býurosy habar berdi.

Şäher ilaty 12,4 milliondan, oba ilaty 7,5 milliondan ybarat. Gazagystanyň paýtagty Astanada ilat 1,4 milliondan geçdi. Şu ýylyň başynda ýurduň ilaty 19,7 milliondy.

Sentýabr aýynda Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew ýurduň ilatynyň ýylyň ahyryna çenli 20 milliona ýetjekdigini habar berdi.



Gazagystan «ýaş» ýurt hasaplanýar. Raýatlaryň ortaça ýaşy 32 ýaşa deň bolup, ilatyň, takmynan, üçden bir bölegini ýaşlar düzýär.

2021-nji ýylda geçirilen Gazagystanyň ilat ýazuwynyň netijelerine görä, ýurduň ilaty, takmynan, 19,2 million bolup, şol sanda 11,7 milliony şäher ilaty we 7,5 milliony hem oba ilatydy. 2009-njy ýylyň ilat ýazuwyna görä, ýurduň ilaty 16 milliondan geçdi. 1999-njy ýyldaky ilat ýazuwyna görä, Gazagystanda, takmynan, 15 million adam ýaşaýardy.

# BAGBANÇYLYK SERGISI DOWAM EDÝÄR

**2-nji oktýabrda Kataryň paýtagty Doha şäherinde ýurduň ýolbaşçylarynyň we daşary ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleriniň gatnaşmagynda öz işine başlan «Expo-2023 Doha» halkara bagbançylyk sergisi geljek ýylyň 28-nji martyna çenli dowam eder. «Ýaşyl çöl, has gowy gurşaw» şygary bilen guralýan bu çäre Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrikada ilkinji bagbançylyk, şeýle hem gurak howada guralýan ilkinji sergi hökmünde taryha girer.**

**Sergä gelip görýänler çölleşmäge garşy göreş we durnukly oba hojalygyny ösdürmäge gönükdirilen köp sanly innowasion çözgütleri synlap bilerler. Sergi meýdançasy Pars aýlagynyň suwlaryna haýran galdyryjy görnüşleri açýan deňziň kenaryndaky ajaýyp Al-Bidda seýilgähinde 1,7 million inedördül metr giňişlikde ýerleşýär.**

**«Expo-2023 Doha» sergisiniň temalary «Häzirki zaman oba hojalygy», «Tehnologiýa we innowasiýa», «Ekologiýa taýdan habarlylyk» we «Durnukly ösüş» ýaly ugurlary öz içine alyp, bu ýere gelip görýänleriň durnukly ösüş we howanyň üýtgemegine garşy göreş babatda bilimini artdyrýar. Geljek ýylyň martyna çenli 179 günüň dowamynda bagbançylyk sergisinde Milli gün baýramçylygy, medeni çäreler we tematik duşuşyklar ýaly dürli çäreler geçiriler.**




**Bu halkara gözden geçirilişinde biziň ýurdumyzyň hem sergi bölümi guralyp, 9-njy oktýabrda Türkmenistanyň milli güni geçirildi. Bu sergi özara hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary, şeýle hem bu ulgamyň öňdebaryjy tejribelerini öwrenmekde amatly meýdançadyr. Bu sergä 190-dan gowrak ýurt we halkara guramalar gatnaşýar.**

# ÇYKDAJYLARYŇ ARTMAGYNA GARAŞYLÝAR

Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçiriljek «Expo 2025» halkara sergisiniň guramaçylary gurluşygyň bahasy baradaky çaklamalaryny has-da artdyrdylar. NHK teleýaýlymynyň maglumatlaryna görä, meýilnama täzeden gözden geçirilenden soň, assosiasiýa umumy çykdajylaryň 1,57 milliard dollara ýetmegine garaşýar.

Bu 2020-nji ýyldaky hasaplar bilen deňeşdirilende, 335 million dollar we ilkibaşdaky meýilnamadan 1,8 esse köpdür. Ilkibaşda gurluşyk üçin çykdajylar häzirki walýuta hümmeti boýunça, takmynan, 840 million dollara barabardy.

Guramaçylar çykdajylaryň köpelmegini materiallaryň we zähmetiň bahalarynyň ýokary bolmagy, şeýle-de gurluşyk işlerini akgynly alyp barmak üçin goşmaça çykdajylar bilen baglanyşdyrýar. Bu çykdajylary deň paý bilen merkezi hökümet, prefekturanyň we Osaka şäheriniň häkimiýetleri, şeýle-de biznes toparlary öz üstüne almaly bolar. Hökümet çykdajylaryň täze smetasyndan ugur alyp, 525 million dollar möçberde çykdajylary öz üstüne almakçy.

*«Expo 2025» sergisi barada*

Ozal habar berşimiz ýaly, Ýaponiýanyň Osaka şäherinde 2025-nji ýylyň 13-nji aprelinden 13-nji oktýabry aralygynda «Expo 2025» sergisi geçiriler. Osaka aýlagynda emeli gurlan Ýumesima adasy serginiň geçiriljek ýeri hökmünde saýlandy. Bu ýer INTEX Osaka sergi toplumynyň golaýynda ýerleşýär. Ýapon tarapy 2020-nji ýylda guralan Halkara sergiler býurosynyň maslahatynda çäräniň jikme-jik meýilnamasyny hödürläpdi.




«Bagtly durmuş üçin geljekki jemgyýeti döretmek» halkara serginiň esasy şygarydyr. Deslapky maglumatlara görä, sergi, takmynan, 28 million adamy özüne çekip, Osakanyň ykdysadyýetine 18 milliard dollar töweregi girdeji getirer. «Expo 2025» 170-den gowrak ýurduň gatnaşýan iň uly halkara sergisidir. Olar bäş ýyldan bir gezek ylymda, tehnologiýada, binagärlikde we sungatda öz gazananlaryny görkezýärler.

Osakada 1970-nji ýylda «Expo» sergisi geçirilipdi. Şonda bu çäre, Olimpiýa oýunlaryndan alty ýyl soň, ýurduň ykdysady ösüşiniň saýasynda Tokioda ýokary tizlikli ýollaryň, «şinkansen» aşa tizlikli otlularyň we beýleki tehnologik ösüşleriň ýüze çykan döwründe guralypdy. Şol döwürde Osakada sergi üçin niýetlenen giň seýilgäh guruldy. Bu ýerde «Gün diňi» diýlip atlandyrylýan 70 metrlik heýkel dikeldilip, sergi guralanda oňa 64 million adam baryp görüpdi. Bütindünýä sergileriniň däbi XIX asyryň ortalaryndan gözbaş alyp gaýdýar: ilkinji «Expo» sergisi 1851-nji ýylda Londonda geçirilýär, Parižde bolsa şeýle sergileriň altysy guralýar.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Taýajyklar bilen naharlanmak däbi



**Iki sany uzyn taýajyk bilen naharlanmak, megerem, hemmeleriň ünsüni özüne çekýän bolsa gerek. Hytaý medeniýetine mahsus bolan bu usul ýurduň ýerli aşhanalaryndan başga-da, dünýäniň dürli ýurtlaryndaky hytaý aşhanalarynda duş gelýär. Gaýnadylan tüwüden başlap, çorbanyň dürli görnüşleri çöpjagazlar bilen iýilýän bu medeniýetiň özüne mahsus taryhy bar. Eýsem, uzyn çöpjagazlar bilen naharlanmak haçan ýüze çykdyka?!**

Hytaýly çopanlar biziň eýýamymyzdan öňki 1200-nji ýyllarda ilkinji gezek nahar iýmek üçin uzyn çöpjagazlary ulanyp başlapdyrlar. Bu barada Şan dinastiýasy döwrüne degişli taryhy ýazgylarda duş gelinýär. Bellenilişine görä, ilkinji taýajyklar bürünçden ýasalyp, esasan, nahar bişirmek üçin ulanylypdyr. Bu bürünç gurallar häzirki taýajyklardan has uzyn bolup, çukur gaplarda nahar bişirilende gerek bolupdyr. «Çopan taýajyklary» diýlip hem atlandyrylýan çöpjagazlar müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşdirilip, nahar iýmek üçin oňaýly görnüşe getirilýär. Ýagny, öňki uzyn çöpler gysgaldylyp, ujy nahary tutmak üçin amatly bolar ýaly inçeldilýär. Şol ýyllar Konfusiniň ynançlaryna görä, naharlanylanda farfordan ýa-da metaldan ýasalan ýiti gurallary ulanmaly däldigi barada ýörelgeler halk arasyna ýaýraýar. Ýiti gurallaryň howpludygy sebäpli, tebigy gurallary ulanmalydygy wagyz edilýär. Şeýlelikde, hytaýlylaryň arasynda nahar iýmek üçin bambukdan ýasalan çöpjagazlar ulanylyp başlanýar. Bu döwürde aşpezler eti ownuk böleklere bölüp bişirip başlaýarlar. Hytaýlylar muny agaç çöpjagazlar bilen iýmek üçin täze bir usul diýip hasap edýärler.

Biziň eýýamymyzdan öňki 500-nji ýyla çenli taýajyklar bilen naharlanmagyň usuly Ýaponiýa we Wýetnam ýaly goňşy ýurtlara hem ýaýraýar. Wýetnamda taýajygy ýasamak üçin bürünç ýa-da farforyň ýerine palma agajy ulanylyp başlanýar. Hytaýlylaryňkydan tapawutlylykda ýaponlar





nahar iýilýän taýajyklary düýbi birleşdirilen gapjawaç görnüşde bambukdan ýasaýarlar. Ýaponiýa 1878-nji ýylda bir gezeklik ulanylýan çöpjagazlary hödürlän ýurt bolsa-da, hytaýlylar nahar iýmek üçin ulanylýan taýajyklary oýlap tapan halk hasaplanýar. Taýajyklar haýsy material köp bolsa, şondan öndürilipdir.

### TAÝAJYKLAR BARADA

Nahar iýilýän çopan taýajyklaryň uzynlygy, adatça, 23-26 santimetr aralygynda bolýar. Çöpjagazlar diňe nahar iýlende däl, bişirilende hem ulanylýar. Munuň üçin 30-40 santimetr uzynlykdaky taýajyklardan peýdalanylýar. Bu aşhana guraly bambuk, agaç, plastmassa, metal, süňk, farfor ýaly dürli materiallardan ýasalýar. Esasan, tegelek we dörtburç kesimli görnüşde öndürilýän çöpjagazlaryň käbirinde tutmak üçin amatly bolar ýaly oýuklary bar. Soňky ýyllarda bir gezeklik ulanylýan plastmas taýajyklar has ýörgünli bolup, tutawajy dürli şekiller bilen bezelýär. Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa, Wýetnam we Tailand taýajyklar bilen naharlanylýan ýurtlar hasaplanýar. Hytaýda her ýyl 80 milliard töweregi jübüt taýajyk öndürilýär.

### ÇÖPJAGAZLARY NÄDIP TUTMALY?

Fizika boýunça Nobel baýragyynyň eýesi (1957ý.) Çžendao Li çöpjagazlary elde saklamak barada şeýle belleýär: «Ýönekeý bolsa-da, iki taýajyk fizikanyň ajaýyp şöhlelenmesi. Deňagramlylyk esasynda bolup geçýän bu hadysada barmaklar nämäni başarýan bolsa, çöpjagazlar hem şony edýär». Taýajyklaryň adaty ýagdaýda tutulyşy başam, süýem we orta barmaklaryň sazlaşykly hereketi esasynda amala aşyrylýar. Üç barmak çöpjagazlary üç tarapdan gurşap alýar we taýajygy ruçka tutýan ýaly berk saklaýar. Başam barmak tarapdaky çöpjagaz hereketsiz saklanyp, süýem we orta barmagyň saklaýan çöpjagazy açylyp-ýapylýan görnüşde hereket edýär. Taýajyklar bilen naharlanmak çagalykdan öwredilýän maşgala däbi bolup, hytaý medeniýetinde çöpjagazlary dogry tutmaga we ulanmaga üns berilýär. Ene-atalar çagalaryna edil okuw esbaplary ýaly, nahar iýilýän taýajyklary hem satyn alyp berýärler. Şeýle hem naharlanmak edebi bilen bagly ýörite öwrediji sapaklary geçirýärler.

# BÄBEKLER HAÇAN GÜLÜP BAŞLAÝAR?

Bäbekleriň ilkinji ýylgyryşy ata-eneler üçin tolgundyryjy pursatlaryň biridir. Ýylgyrmak kadaly ösüşiň alamaty bolup, körpeler köplenç 3-4 aýlykda ýylgyryp başlaýarlar. Bäbejigiň töweregindäkiler bilen aragatnaşyk saklamak hem-de duýgularyny bildirmek üçin ilkinji synanyşygy ýylgyrmak arkaly ýüze çykýar. Bäbejikler bir ýaşa çenli jykyrdap gülmek, dürli sesleri gaýtalamak arkaly endiklerini ösdürip, maşgalasynyň «altyn aşygyna» öwrülýär. Babejige gözegçilik etmek, olar bilen



oýnamak we gürleşmek körpejeleriň ösüşi üçin möhümdir. Kiçijik çagalar köplenç ukudaka ýylgyrýarlar. Bu olaryň hoşallygynyň alamaty bolup, hossarlarynyň süýji sözlerine, ejesiniň hüwdüsine jogap hökmünde ýüze çykýar. 2-3 aýda bäbekleriň köpüsi özlerine ideg edýän adamlaryň gözüne seredip başlaýar. Töweregindäki



seslere we hereketlere üns berýärler. Dördünji aýda körpejeler öwrenen seslerini we hereketlerini gaýtalap başlaýarlar. Altynjy aýda bäbejikler jykyrdap gülüp, dürli oýunlary görkezip, hezil edýärler. Altynjy aý çagalaryň ösüşiniň iň esasy döwri hasaplanýar.

### BÄBEKLERI NÄDIP GÜLDÜRMELI?

Bäbejigi güldürmek kyn däl. Munuň üçin olaryň halaýan zadyny etmeli. Mysal üçin, bäbejigiň hereketlerini ýa-da ilkinji sözlerini gaýtalamak onuň hoşuna gidip, özüne öýkünilýändigini bilip, gülmäge başlaýar. Mundan başga-da, mähirli sözleri aýtmak, oýunlary oýnamak ýa-da aýdyma hiňlenmek arkaly balajyklary güldürip bolýar. Bilermenler bäbeklere ertekili kitaplary okap bermegiň, öwrediji oýunlary oýnatmagyň hem-de açyk howada gezelenç etdirmegiň örän möhümdigini belleýärler.



# Dostluk – saglyk üçin peýdaly

**Her kim dostlary bilen wagt geçirmegi gowy görýän bolsa gerek. Durmuş dostlar bilen gowy. Durmuş dostlar bilen ajaýyp...**

**Bilermenler adamyň çyn dostynyň bolmagynyň peýdalydygyny tassyklaýarlar. Dostluk durmuşa bolan höwesi artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, saglygy hem gowulandyrýar. Geçirilen barlaglarda dostlar bilen wagt geçirmegiň beýniniň işjeňligini güýçlendirýändigi, psihologik we fiziki taýdan saglyga oňaýly täsir edýändigi ýüze çykaryldy. 80 ýaşdan ululardan durmuş we adamlar bilen özara gatnaşyklary baradaky sorag-jogap kagyzyny doldurmaklary haýyş edildi. Netijede dostlary bilen işjeň gatnaşykda bolan ýaşulularyň beýlekilere garanyňda psihologik taýdan durnukly ýagdaýdadygy anyklandy. Bilermenler ömrüniň dowamynda gowy dostlary bolan we töweregindäkiler bilen oňyn gatnaşyklary alyp baran ýaşulularyň aň-düşünjeleriniň sagdyndygyny, ýatkeşliginiň gowudygyny belleýärler.**

**Ruhy saglyk üçin sagdyn gatnaşyklary gurmagyň we saklamagyň möhümdigini hemmämiz bilýäris. Dostlaryň bilen ýakyndan gatnaşmak beden saglygyna oňyn täsirini ýetirip, garrylyk alamatlaryny hem haýalladýar.**

### DOSTLUKLY GATNAŞYKLARYŇ PEÝDASY:

- ☑ **Ýalňyzlyk duýgusyny azaltmaga ýa-da ýalňyzlygyň öňüni almaga ýardam edýär.**
- ☑ **Durmuşdaky şowsuzlyklaryň saglyga ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni alýar. Dostlukly gatnaşyklar, esasan hem, kynçylyklary ýeňip geçmegi ýeňilleşdirýär.**
- ☑ **Başdan geçirilen wakany dostuňa gürrüň bermek we onuň pikirini bilmek özüňe bolan ynamy artdyrýar. Şeýle hem kesgitli karara gelmegi aňsatlaşdyrýar.**
- ☑ **Uzak ýyllaryň dowamyndaky dostlukly gatnaşyklar garrylyk alamatlaryny gijikdirip, newrologik näsazlyklaryň öňüni alýar.**

# ÇAGALAR

✓ **Pil böküp bilmeýän ýeke-täk jandardyr. Ýöne muňa garamazdan sagatda 25-40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýär.**

# PILLER BARADA NÄMELER BILÝÄRIS?

**Piller gury ýerdäki iň uly jandarlaryň biri hasaplanýar. Uzyn holtumly jandarlar Afrikada we Aziýada duş gelip, aziýa pilleri kiçiräk bolýar. Pilleriň esasy aýratynlygy uzyn holtumynyň (burun) bolmagydyr. Holtumy bilen dem alyp, yslary**



**saýgaryp, suw içip, iýmit iýip, gerek zadyny tutup hem-de dürli sesleri çykaryp bilýän pilleriň uzyn burnunda 40 müň myşsa bar. Aziýa pilleriniň holtumynyň ujunda Afrika pilinden tapawutlylykda barmaga meňzeş myşsasy bar. Bu myşsa kiçijik zatlary tutmaga ýardam edýär. Piliň iň berk süňkleri burnunyň ýanyndaky gyýak şahlary hasaplanýar. Bu uly süýdemdirijileriň ýaşyny şahynyň uzynlygyna görä saýgaryp bolýar.**

**Maşgala bolup ýaşaýan duýguçyl süýdemdirijiler hasaplanýan piller biri-birini gorap gezýärler. Eger-de biri-birini ýitirseler, dürli sesleri çykaryp, daş-töwerekden gözleýärler. Piller begenip ýa-da gynanyp, hatda aglap hem bilýärler. Uzyn holtumly bu jandarlar 70 ýyla çenli ýaşaýarlar. Pilleriň 2,5 santimetr galyňlykdaky derisi yssydan we sowukdan goranmagyny üpjün edýär. Ýatkeşligi örän ýiti bolup, adamlaryň ýüzüni gowy ýatda saklaýan pil böküp bilmeýän ýeke-täk jandardyr. Ýöne muňa garamazdan sagatda 25-40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýän bu jandarlar gije-gündiziň dowamynda 4 sagat uklaýarlar. Piller ökde ýüzüjiler bolup, 70 kilometr aralygy ýadaman ýüzüp geçip bilýärler.**

**Piller dürli miweler, agaçlaryň ýapraklary, kökleri we gabyklary bilen iýmitlenýärler. Bu uly süýdemdirijiler ýaşaýan ýerine baglylykda bir günüň dowamynda 136 kilogramdan 450 kilograma çenli iýmit iýip bilýärler. Iýmit tapmak üçin köp aralyga ýöreýän bu jandarlar 100-300 litre**



**çenli suw içýärler. Esasan hem, ene piller kiçijik piljagazlara iýmit tapyp bermek üçin esli menzil geçýärler. Ýaňy doglan piljagazyň agramy 100-120 kilogram töweregi bolup, boýy bir metre golaý bolýar. Ýelken ýaly gulakly bu jandarlaryň beýnileri örän uly bolup, 6 kilograma ýetýär. Piller haýwanat dünýäsinde iň akylly jandarlaryň biri hasaplanýar.**

# Dil öwrenmegiň aňsat ýoly

Häzirki wagtda dil öwrenmek döwrüň ösen talaplarynyň biri bolup durýar. Ýagny tehnologiýa enjamlaryndan baş çykarmak ýa-da ylym öwrenmek üçin dil bilmek zerurlygy ýüze çykýar. Dili näçe ir öwrenmäge başlasaň, şonça-da ýeňil düşýär. Ilki bilen daşary ýurt dilleriniň birini saýlamaly. Iň esasy zat, öwrenýän diliňiz size lezzet bermeli. Eger-de sizde ynam ýeterlik bolsa, onda dil öwrenmeklige başlap bilersiňiz! Dil öwrenilende iň amatly usuly saýlamaly. Dil öwrenmegiň iň amatly ýoly – dili özbaşdak öwrenmek bolup durýar.

Soňky ýyllarda dil öwrenmekde dürli-dürli gollanmalar, gepleşik kitaplary, audio we wideo kurslar has meşhurlyk gazanýar. Internet gollanmalary hem ýeterlik bolup, isleg bilen dil öwrenmeklige başlamak hem-de yzygiderli dowam etdirmek ýeterlik. Munuň üçin şahsy meýilnama düzmeli. Sapaklara taýýarlanmak, öý işlerine kömekleşmek hem-de mekdebe gidip-gelmek ýaly işleriňize päsgel bermezden dil öwrenmek üçin aýratyn wagt aýyrmaly. Bu siziň dil öwrenmeklige bolan höwesiňize görä günüň islendik wagtynda bolup biler. Dili özbaşdak öwrenmeklige girişeniňizde üns bermeli zatlaryň biri dili birnäçe gollanmalardan öwrenmekdir. Dil öwrenmek üçin sarp edýän wagtyňyz arakesme bilen 60-90 minutdan geçmeli däldir. Uzak wagtlap okamak, ýazmak ýa-da täze sözleri ýat tutmak sizi ýadadyp biler. Şol sebäpli arasynda öwrenýän diliňize degişli aýdymlary diňläp, gysga filmlere tomaşa



edip bilersiňiz. Bu siziň sözleri dogry aýtmagyňyza, basymy dogry goýmagyňyza kömek eder. Dil öwrenmekde iň esasy usullaryň biri şol dildäki çeper eserleri okamakdyr.

Daşary ýurt dilini özbaşdak öwrenmegi saýlap alanlaryň köpüsi, şolbada haýsydyr bir netijelere garaşýarlar. Bu bolsa mümkin däldir. Eger siz özbaşdak okap bilim almagy saýlap alan bolsaňyz, jogapkärçilik özüňizde. Öwrenýän temalaryňyz ýeňil ýaly bolup görünse-de, ony dykgatly we içgin özleşdirmeli. Şeýle hem täze zatlary öwrenýän wagtyňyz öňküleri gaýtalamagy ýola goýmaly. Gaýtalamak arkaly öwrenýän diliňizdäki sözler, grammatik baglanyşyklar has-da ýatda galar. Eger mümkinçilik bolsa öwrenýän diliňizde gürleýän halklaryň medeniýeti bilen tanyş boluň! Bu siziň maksadyňyza ýetmäge ynam döreder.

## TAPMAÇA

◢ Eneş bilen Merdan ejesiniň doglan gününi gutlamak üçin birnäçe gül aldy.

Eneş şeýle diýdi: – Eger sen gülleriňden 4-sini berseň, meniň güllerimiň sany seniňkiden 2 esse köp bolar.

Merdan Eneşe ýüzlenip: – Eger sen maňa 4 gül berseň, biziň güllerimiz deňleşer – diýdi. Olaryň hersinde näçe gül bar?

Jogaby: Eneşde 28, Merdanda 20 gül bar.

◢ Bir ýumurtgany bişirmek üçin 6 minut gaýnatmaly. 4 ýumurtgany bişirmek üçin näçe minut gaýnatmaly bolar? Jogaby: 6 minut.

◢ Aman ejesiniň alyp beren reňkli galamyny surat sapagyna alyp gitdi. Torbasyndan reňkli galamlary çykaryp, partanyň üstünde her 3 santimetrden 1 galamy goýup çykdy. Aman 15 santimetr aralykda näçe galamy goýup biler? Jogaby: 6 galam.

◢ Baýramçylyk mynasybetli mekdepde geçirilen ylgaw ýaryşyna gatnaşan Mergen pellehana golaýlaberende, ikinji bolup baryandan ozdurdy we ýaryş şol tertipde tamamlandy. Mergen näçenji boldy? Jogaby: 2-nji.

# Dünýäniň iň uly suw çüwdürimi

◢ Suw çüwdürimleri ilkibaşda bezegçilik maksady bilen gurulman, ilaty agyz suwy bilen üpjün etmek hem-de suw geçirijilerini birikdirmek üçin gurlupdyr. Şäher ýaşaýjylarynyň suw bilen bagly zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin oýlanyp tapylan bu ulgama bolan zerurlyklar XIX asyrdan soň azalyp, şäherleriň bezegi hökmünde ulanylyp başlanypdyr. Soňky ýyllarda suw çüwdürimleriniň göwrümi, owadanlygy we özboluşly «hereketleri» bilen tapawutlanýan görnüşleri peýda boldy. Dünýäniň iň uly suw çüwdürimi Dubaý şäherinde ýerleşýär. Meşhur syýahatçylyk şäherindäki Dubaý suw çüwdürimi 12 gektar meýdany eýeleýär. Bu suw desgasy «Burj Halifa» gökdiräniniň öňündäki kölde, Dubaý söwda merkeziniň golaýynda ýerleşýär. Suw çüwdürimi «WET Design» amerikan kompaniýasy tarapyndan gurlup, 2009-njy ýylda resmi taýdan açylýar. Suw desgasyny 6600 çyra, 50 reňkli proýektorlar yşyklandyrýar. 275 metr uzynlykda aýdymdyr saz bilen bilelikde hereket edýän suw çüwdürimi 152 metr beýiklige suw pürkýär.



Şekili reňkläň!



Sanlary birleşdiriň!



Labirint





7 tapawudy tapyň



Gyzykly pursat



# Iň köp girdeji gazanan konsert filmler

Amerikaly meşhur aýdymçy Beýonseniň «Renaissance» atly konsert tury tamamlandy. 7 ýyldan soň ilkinji gezek konsert turuny geçiren 42 ýaşyndaky aýdymçy ABŞ-da hem-de Ýewropada 39 şäherde 56 konsert berdi. Aýdym-sazyň R&B görnüşiniň görnükli wekiliniň şol konsert turuna 2,7 million adam gatnaşdy. Aýdymçynyň şol konsert turundan 579 million dollar girdeji gazanandygy habar berildi.

Beýonseniň soňky konsert tury ekranlarda-da görkeziler. Onuň 39 şäherde beren konsert çykyşlaryndan käbir kadrlar ulanylyp düşürilen, sahnanyň taýýarlygy bilen baglanyşykly kadrlary bolan dokumental görnüşdäki filmiň ady «Beyonce: Renaissance World Tour» diýlip atlandyrylýar. Bu ekran eseriniň 1-nji dekabrdan başlap kinoteatrlara ýaýradylmagyna garaşylýar.

Amerikaly başga bir aýdymçy, «Grammy» baýragynyň, şol sanda ençeme rekordyň eýesi Teýlor Swiftiň hem «Eras Tour» atly konsert turunyň filmi görkeziler. «Taylor Swift: The Eras Tour» atly bu film şu günden başlap, 100-den gowrak ýurtda kinoteatrlara goýberiler. 2 sagat 48 minutlyk filmiň iň köp girdeji gazanan konsert filmi diýlen ugurda rekord goýmagyna garaşylýar. 8 müň 500 kinoteatrda görkeziljek filmiň petekleriniň satuwyndan eýýäm 100 million dollarlyk girdeji gazanylandygy habar berildi. Bu görkeziji ýokarlanyp, filmiň ekranlara çykan güni 150 million dollara çenli ýeter diýlip çaklanylýar.

Konsert filmleri boýunça rekord Maýkl Jeksonyň «Michael Jackson's This Is It» atly filmine degişlidir. 2009-njy ýylda ekranlara çykan bu filmiň girdejisiniň 72 milliony Demirgazyk Amerika degişli bolup, tutuş dünýäde 261,2 million dollarlyk kassa ýygymyny toplapdy. Teýlor Swiftiň konsert filmini goşmanymyzda 2-nji ýeri Jastin Biberiň 2011-nji ýyldaky «Justin Bieber: Never Say Never» atly konsert kinosy eýeleýär. 73 million dollarlyk girdejisi bilen Demirgazyk Amerikada rekord goýan film tutuş dünýä boýunça 99 million dollarlyk girdeji toplady. 3-nji ýerde Maýlus Saýrusyň 2008-nji ýyldaky «Hannah Montana ve Miley Cyrus: Best of Both Worlds Concert» kinosy bolup, girdejisiniň 65,2 million dollary Demirgazyk Amerikadaky prokatlara degişli film, jemi 70,7 million dollarlyk gazanç etdi. Iň köp girdeji gazanan konsert filmleriniň ilkinji onlugynyň sanawynda «One Direction», Eddi Mörfi, Riçard Prior, Keýti Perri, BTS, Kewin Hart, «Jonas Brothers» ýaly aýdymçydyr toparlaryň konsert filmleri bar.






# «Altyn globus» baýraklaryna täze 2 ugur goşular

Kino sungatynyň abraýly baýraklarynyň biri bolan «Altyn globus» baýraklaryna ýene 2 täze ugur goşulýar. Geljek ýylyň başynda 81-nji gezek gowşuryljak «Altyn globus» baýraklarynyň täze ugurlary kinoteatrlarda köp girdeji gazanan blokbasterler hem-de teleýaýlymlardaky stend-ap şou gepleşikleri bolar. Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globus» baýraklarynyň täze ugry – iň köp girdeji gazanan filmler ugry boýunça kinoteatrlarda hem-de «streaming» platformalarynda görkezilýän 8 film dalaşgärlige hödürlener. Bu ugra dalaşgär görkezilmek üçin kinoteatrlarda görkezilýän filmler azyndan 150 million dollar girdeji gazanan bolmaly. Şol 150 million dollaryň 100 million dollary Demirgazyk Amerikadaky kassa ýygymlaryndan gazanylmalydyr. «Streaming» platformalaryndan goşuljak kinolar bolsa tomaşaçy sanyna görä kesgitlener.



Adaty stend-ap görnüşindäki komediýa şoulara-da baýrak bermegi maksat edinýän «Altyn globus»-da iň gowy stend-ap komediýa ugry boýunça dalaşgär görkeziljekler teleýaýlymlardaky hem-de internetdäki gepleşikleriň arasyndan saýlanar. Bu ugur boýunça 6 komediýaçy dalaşgärlige hödürlener.

# Kino täzelikleri

## MARTIN LUTER KING BARADAKY FILM

● «Emmy» we «Grammy» baýraklarynyň eýesi, meşhur komediýaçy, režissýor Kris Rok belli aktiwist Martin Luter King Junior barada film surata düşürer. «Universal Pictures»-iň hemaýatkärligindäki filmiň baş prodýuseri meşhur režissýor Stiwen Spilberg bolar. Kris Rokuň hem režissýor, hem-de prodýuser hökmünde gatnaşýan bu iri taslamasy Jonatan Eigiň şu ýylyň maýynda çapdan çykan «King: A Life» atly eseri esasynda ekranlaşdyrylar. Mundan öň «Top Five», «Head of State», «I Think I Love My Wife» ýaly filmlerde režissýorlyk eden Rokuň täze ekran eserinde kimiň baş keşpde surata düşjekdigi häzirlikçe belli däl. Bu film 1950-1960-njy ýyllaryň meşhur aktiwisti Dr. Martin Luter King Junioryň durmuşy baradaky ilkinji kino bolar.



## MEŞHUR ESER NOBATDAKY GEZEK EKRANLAŞDYRYLAR

● Iňlis ýazyjysy Meri Şelleýiň 1817-nji ýylda çapdan çykan meşhur «Frankenşteýn» eseri esasynda häzirki güne çenli onlarça film surata düşürildi. Şolaryň hataryna ýene biri goşulýar. Oskar gazanan 3 meksikaly režissýoryň biri bolan Gillermo Del Toro täze taslamalar durmuşa geçirmegini dowam edýär. Ussat režissýoryň indiki ekran eseri dünýä belli «Frankenşteýn» kinosy bolar. «Netflix»-iň önümi boljak ekran eserinde bolsa «Hollywood»-yň meşhur artistleriniň ençemesi surata düşer. Andrýuw Garfild, Mia Got, Oskar Aýzaak dagynyň hataryna oskarly aktýor Kristof Walts hem goşuldy. Filmiň surata düşüriliş işlerine geljek ýylyň fewralynda badalga berler. Ekran eseriniň 2025-nji ýylda ekranlara çykmagyna garaşylýar.



## BAŞ KEŞPDE ANJELINA JOLI SURATA DÜŞER

● Çilili tanymal režissýor, «Spencer», «Jackie» ýaly kinolary bilen adygan Pablo Larrainiň täze «Maria» atly filminde surata düşjek artistler belli boldy. Gresiýaly sungat işgäri Maria Kallasyň durmuş ýoly, döredijiligi baradaky filmde baş keşbi oskarly aktrisa Anjelina Joli janlandyrar. Filmde Joliden başga-da italiýaly aktrisalar Waleriýa Golino bilen Alba Rorwaher, türkiýeli meşhur aktýor Haluk Bilginer, italiýaly aktýor Pierfrançesko Fawino, ýaş aktýor Kodi Smit-MakFi dagy dürli keşpleri ýerine ýetirerler. Ssenarisi Stiwen Naýt tarapyndan ýazyljak filmde Maria Kallasyň ömrüniň soňky ýyllary barada söhbet açylar.



# Täze film

**Ady:** «Killers of the Flower Moon»; **Režissýory:** Martin Skorseze; **Keşplerde:** Leonardo DiKaprio, Robert De Niro, Lili Gladstoun, Skott Şeperd, Jessi Plemons, Brendan Freýzer, Jon Litgou; **Sssenariçi:** Erik Rot, Martin Skorseze (Dewid Grannyň «Killers of the Flower Moon» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Dan Fridkin, Bredli Tomas, Martin Skorseze, Daniel Lupi; **Kompozitory:** Robbi Robertson; **Öndüriji:** «Apple Studios», «Imperative Entertainment», «Sikelia Productions», «Appian Way Productions»; **Paýlaýjy:** «Apple TV+», «Paramount Pictures»; **Dowamlylygy:** 206 minut; **Görnüşi:** western, kraým, triller, drama; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million $.




Kino sungatynyň ägirtlerini bir ýere jemleýän «Killers of the Flower Moon» («Dolan Aý ganhorlary») atly filme ussat režissýor Martin Skorseze režissýorlyk edýär. Onuň sabyrsyzlyk bilen garaşylýan bu filminde ozalam telim gezek bile işleşen iki aktýory – Leonardo DiKaprio hem-de Robert De Niro esasy keşpleri janlandyrýar. Filmiň ssenarisini Dewid Grannyň 2017-nji ýyldaky adybir kitaby esasynda režissýoryň özi, şol sanda meşhur ssenariçi, «Forrest Gamp», «Münih», «Dýun» ýaly filmleriň edebi esasyny ýazan Erik Rot bilelikde ýazdy. 206 minutlap dowam edýän film üçin 200 million dollar çykdajy edildi. Kinoteatrlara «Paramount Pictures» tarapyndan paýlanjak film «Apple Studios»-yň önümi bolup, Oklahomada surata düşürildi. Ilkinji görkezilişi şu ýylky Kann film festiwalynda bolan kinoda 1920-nji ýyllarda bolup geçen wakalar dogrusynda söhbet açylýar. Şol ýyllarda Oklahomanyň demirgazygynda bolup geçen jenaýatçylykly wakalaryň üstüni açmak täze esaslandyrylan FBI aňtawçysyna tabşyrylýar. Aňtawçy birnäçe syrly wakalaryň üstünden barýar...





● **DIKLIGINE:** **1.** Işeňňir, başarjaň. **2.** Ahmyr, ökünmek. **3.** San. **5.** «Bir özüni iýip bolmaz, şonsuz nahar nahar bolmaz» (matal). **7.** «Otyrkaň alyp gaçar, eltip ummana atar» (matal). **8.** «Serçeden gorkan ... ekmez» (nakyl). **9.** «Men niçik ... eýleýin Mahym güli-ruhsarymy» («Zöhre–Tahyr»). **11.** Ortalyk, ikisiniň birigýän ýeri. **12.** Gyş boýunbaglygy. **13.** Dünýäde nebitden soň, iň köp satylýan önüm. **15.** Irki wagtlarda giňden meşhur bolan, metaldan pul ýasalyş usuly. **16.** Uçut, kert. **17.** Gyzykly güýmenje. **18.** Gylaw bermek, öjükdirmek. **22.** Görkezme çalyşmasy. **24.** Nota. **25.** Seljuk soltanlarynyň biri. **29.** Käbir kanun ýygyndylarynyň, resminamalaryň san bilen görkezilýän aýratyn bölegi. **35.** Alys, uzak, çet. **36.** Eliň tirsek bilen goşar aralygy. **37.** Doňzuň çagasy. **39.** Anwar, müşk. **42.** Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinden geçýän derýa. **43.** Tyg, şikes. **46.** Oba hojalygynyň esasy möwsümi. **48.** Şaýat, araçy. **50.** Iş usuly, ugry. **51.** Iki diwaryň birleşýän burçy. **53.** Sözlemiň baş agzasy. **55.** Mobil söhbetdeşlik goşundysy. **56.** Ujy egri taýak bilen süňk urlup oýnalýan oýun. **57.** Bakja ekini. **59.** Köplük san goşulmasy. **62.** Arslan, ýolbars.

● **KESELIGINE:** **3.** Döwlet gurluşynyň bir görnüşi. **4.** Ýadro fizikasynyň düýbüni tutujy görnükli iňlis alymy Ernest .... **6.** Merwde gadymy ýadygärlik şäheri. **8.** Yza, agyry. **10.** Ýurdumyzda döwletara demir ýol bekedi. **14.** Gökdepe gahrymany Gara Batyryň ejesi. **18.** Uzak aralyga ylgaw ýaryşy. **19.** Dellal, arada durujy. **20.** Goşa toýnakly ýabany jandar. **21.** Taryhda Ärsak patyşanyň döreden döwleti. **23.** Gelin-gyzlaryň eline dakynýan şaý-sepi. **26.** Ýüzi ownuk dişli, ýitileýji esbap. **27.** Şekillendiriş sungatynyň bir bölümi. **28.** «... gezen, dok gezer» (nakyl). **30.** Ahal welaýatynda bir etrap. **31.** Saz-söhbeti söýýän, sazyň lezzetini bilýän gürrüňdeş adam. **32.** Ýurdumyzda bir goraghana. **33.** On esgeriň serkerdesi. **34.** Dünýäniň ýedi täsinliginiň biri. **38.** Döwletiň esasy alamaty. **40.** Gadymy Hindistanda şöweşijiniň ynamdar jandary. **41.** Saglygy goraýyş ulgamynyň bir bölümi. **44.** Suw ösümligi. **45.** Bir zady ýerine ýetirmek hakynda ikitaraplaýyn ylalaşyk, şertnama. **47.** «Bir güýçli duşmana duşsa ..., jojugyny gizlemeýen bolarmy» (Magtymguly Pyragy). **49.** Togrul begiň ady. **51.** Düýe we sygyr teletininden tikilýän ökjesiz aýakgap. **52.** Ujypsyzja, ownujak, bölejik. **54.** Nägile, öýkeli. **58.** Çarlz Darwiniň görnükli nazaryýeti. **60.** Sadap, düwme. **61.** Gün şöhlesiniň ýagyş damjalarynda döwülmegi netijesinde emele gelýän şekil. **63.** Anyk maglumatlary özünde jemleýän, kadalaşdyryjy kagyz. **64.** Rektoryň orunbasary.

## 45-nji KROSSWORD

**Amangeldi HYDYROW,** *Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby gullukçysy, uly leýtenant.*




## 30-njy SKANWORD

**Bezirgen ANNAGELDIÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

44-nji krosswordyň jogaby:



28-nji skanwordyň jogaby:



29-njy skanwordyň jogaby:



## Bir sözlemde...

«Monuments» atly bir günlük ýol welosiped bäsleşiginiň 5-nji we iň soňky tapgyry bolan «Giro di Lombardia» (Italiýa) ýaryşynda «UAE Team Emirates» toparynyň sloweniýaly türgeni Tadeý Pogaçar 5 sagat 55 minut 33 sekuntda pellehana gelip, bassyr 3-nji gezek ýeňiş gazandy.

Oktýabr aýynyň 21-inde Abu-Dabide (BAE) UFC 294 ady bilen guraljak garyşyk söweş sungaty duşuşyklarynyň agşamynda russiýaly Islam Mahaçew bilen braziliýaly Çarlz Oliweira haklaşyk tutluşygyny geçirer.

Geljek ýylyň tomsunda Germaniýada geçiriljek EURO 2024-iň petekleriniň onlaýn satuwyna başlanyp, petekleriň satuwynyň 1-nji tapgyry 26-njy oktýabra çenli dowam eder we şol döwürde bahalary 30, 60, 100 ýewro deň bolan 1,2 milliondan gowrak petek satylar.

Hytaýyň paýtagty Pekinde geçirilen «Hytaý Açyk» «WTA 500» tennis ýaryşynda erkekleriň arasynda Ýannik Sinner çempion bolup, ol finalda russiýaly Daniil Medwedewi 2 setde-de taý-brek bilen 7:6, 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we karýerasyndaky 9-njy ATP Kubogyny gazandy.

Pekinde geçirilen «Hytaý Açyk» «WTA 1000» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky finalda russiýaly Lýudmila Samsonawany 6:2-lik hasaplar bilen ýeňen polşaly Iga Şwentek ýeňiji bolup, ol «Masters» ýaryşlaryndaky 6-njy, karýerasy boýunça-da 16-njy çempionlygyny gazandy.

2 hepde ozal argentinaly Horge Sampaolini wezipesinden boşadan Braziliýanyň «Flamengo» topary milli ýygyndynyň ozalky tälimçisi, 62 ýaşly Titeni wezipä belledi (2024-nji ýylyň dekabryna çenli şertnama).

Afrika futbol konfederasiýasy (CAF) tarapyndan berlen beýanata görä, Afrika Milletler Kubogy 2025-nji ýylda Marokkoda, 2027-nji ýylda-da Keniýa, Tanzaniýa hem-de Uganda döwletlerinde geçiriler.

«Bellator 300» ady bilen geçirilen garyşyk söweş sungaty duşuşyklarynyň birinde ildeşimiz Döwletjan Ýagşymyradow ABŞ-nyň San Diego şäherinde polşaly Maseý Rozanski bilen tutluşyp, garşydaşyny eminleriň biragyzdan gelen netijesi boýunça ýeňlişe sezewar etdi we 21-nji ýeňşini gazandy.

## DEŇLIKDE TAMAMLANAN TAPGYR

AFK Kubogynda toparçalardaky 2-nji duşuşyklar tamamlandy. Ýurdumyzyň adyndan wekilçilik edýän 2 klub hem nobatdaky duşuşyklaryny Aşgabat şäherinde geçirdi. «E» toparçanyň çägindäki bu oýunlaryň 2-si hem deňlikde tamamlandy.

«Merw» bilen Gyrgyz Respublikasynyň «Abdyş-Ata» toparynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Oýnuň 25-nji minutynda Toýly Goçnazarow ildeşlerimizi öňe saýlady. Bu gola myhmanlar 60-njy minutda Žyrgalbek Uulunyň goly bilen jogap berdi. Duşuşygyň galan minutlarynda-da hasap üýtgemedi. Netijede, «Merw» topary toparçadaky 2-nji duşuşygynda deňme-deň oýnap, utugyny 2-ä çykardy.

«Altyn asyr» bilen «Rawşan» toparlarynyň arasyndaky oýun hem 1–1 hasabynda deňlikde gutardy. Ildeşlerimiziň erjel çykyş eden oýnunda ilki bilen myhmanlar




17-nji minutda Emmanuel Samwel Mwanengonyň goly bilen 1-0 hasabynda öňe saýlandylar. Aragatnaşykçylar 53-nji minutda Rahman Myratberdiýewiň goly bilen hasaby deňlediler. «Altyn asyr» toparynyň futbolçylary onlarça pursatdan ýerlikli peýdalanyp bilmediler. Netijede duşuşyk 1-1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, «Altyn asyr» ilkinji utugyny gazandy.

Toparçada «Abdyş-Ata» 4 utuk bilen öňde barýar. 2–3-nji ýerlerdäki «Merw» bilen «Rawşan» toparlarynyň 2, «Altyn asyryň» 1 utugy bar. Toparçalardaky 3-nji duşuşyklar 26-njy oktýabrda oýnalar. Şonda «Merw» bilen «Altyn asyr» toparlary duşuşarlar.

## 18-nji we 19-njy Ýewropa çempionatlarynyň geçiriljek ýerleri mälim edildi

Ýewropa futbolynyň hojaýyny UEFA 2028-nji hem-de 2032-nji ýyllarda geçiriljek Ýewropa çempionatlarynyň haýsy ýurtlarda guraljakdygyny resmi ýagdaýda mälim etdi.

18-nji Ýewropa çempionaty — EURO 2028 Birleşen Korollyk (Angliýa, Şotlandiýa, Uels, Demirgazyk Irlandiýa) bilen Irlandiýada, 19-njy Ýewropa çempionaty — EURO 2032 Italiýa bilen Türkiýede geçiriler. EURO 2028 üçin Birleşen Korollyk bilen Irlandiýa, EURO 2032 üçinem Italiýa bilen Türkiýe dalaşgär bolupdy. Başga dalaşgärleriň bolmandygy sebäpli UEFA 18-nji hem-de 19-njy çempionatlary ady agzalan ýurtlara paýlady.

Ýewropa çempionaty 1996-njy ýyldan soň Angliýada 2-nji gezek geçiriler. Irlandiýa we beýleki ýurtlarda çempionat ilkinji gezek guralar.

Italiýa bolsa 1968-nji we 1980-nji ýyllardan soň 3-nji gezek Ýewropa çempionatyny gurar. Guramak üçin ençeme



gezek dalaşgär bolan Türkiýe ilkinji sapar Ýewropa çempionatyny kabul eder.

Ýewropa çempionaty 2021-nji ýylda Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda geçirilipdi. Şolaryň arasynda Angliýadyr Italiýa, Uels, Şotlandiýa ýaly EURO 2028 hem-de EURO 2032-niň guraýjy ýurtlarynyň şäherleri hem bardy.

Iki çempionat hem 10 stadionda geçiriler. Ýagny 2028-nji ýyldaky çempionatyň duşuşyklary Belfast, Birmingem, Kardiff, Dublin, Glazgo, Liwerpul, London (iki stadion), Mançester hem-de Nýukasl şäherlerindäki stadionlarda oýnalar. Final duşuşygynyň Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilmegine garaşylýar.

EURO 2032-ni guraýjy ýurtlar Italiýa bilen Türkiýe bolsa ilkinji babatda hersi 10 şäheri dalaşgär görkezer. 2026-njy ýylyň oktýabrynda her ýurtdan 5 şäher saýlanar. EURO 2032-niň açylyş hem-de final duşuşyklarynyň haýsy şäherde boljakdygy bolsa, taraplaryň özara ylalaşygy netijesinde kesgitlener.

## Yzly-yzyna 3-nji çempionlygy

**Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Kataryň Lusail şäheriniň adybir halkara trassasynda geçirildi. Ýaryşa soňky 2 ýylyň çempiony, «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen täze möwsümiň hem çempiony hökmünde çykdy. Ol esasy ýaryşdan 1 gün öň geçirilen sprint bäsleşiginde Oskar Piastriden soň 2-nji ýeri eýeläp, çempionlyk üçin özüne gerek bolan 3 utukdan artygragyny aldy we bassyr 3-nji çempionlygyny yglan etdi.**

**Çempion hökmünde çykan bäsleşiginde 57 aýlawy 1 sagat 27 minut 39,168 sekuntda tamamlan Maks Werstappen möwsümdäki 14-nji, karýerasyndaky 49-njy ýeňşini gazandy. Ýaryşda 2-3-nji orunlary «McLaren-Mercedes» toparynyň sürüjileri eýeläp, awstraliýaly Oskar Piastri ýeňijiden 4,833 sekunt, britaniýaly Lando Norris 5,969 sekunt yza galdy. «Mercedes» toparynyň 2 britan sürüjisiniň biri Jorj Rassell 4-nji, «Ferrari» toparynyň monakoly piloty Şarl Lekler 5-nji orna mynasyp boldy. «Mercedes» toparynyň beýleki britan piloty Lýuwis Hamilton eýýäm 3-nji aýlawda awariýa sezewar bolup, ýaryşdan çykdy. «Ferrari» toparynyň beýleki sürüjisi, ispaniýaly Karlos**




**Saýns Junior bolsa, ulagynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli ýaryşa başlap hem bilmedi.**

**Şeýlelikde, Maks Werstappen utugyny 433-e ýetirip, möwsümiň tamamlanmagyna 5 ýaryş galanda, bassyr 3-nji dünýä çempionlygyny yglan etdi. Sentýabr aýynyň 30-yna 27 ýaşyny dolduran Werstappen topardaşy Serhio Peresden 209 utuk öňe saýlandy. Werstappen F1-iň taryhynda yzly-yzyna 3 çempionlyk gazanan 5-nji sürüji hökmünde hasaba alyndy. Ondan öň germaniýaly Mihael Şumaher (2000-2004, 5 gezek), argentinaly Huan Manuel Fanhio (1954–1957, 4 gezek), germaniýaly Sebastian Wettel (2010–2013, 4 gezek) hem-de britaniýaly Lýuwis Hamilton (2017–2020, 4 gezek) yzly-yzyna azyndan 3 sapar çempionlyk gazanypdylar.**

**Möwsümiň indiki ýaryşy 22-nji oktýabrda ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçiriler.**



## Öz watandaşynyň rekordyny täzeledi

**Marafon ylgawlarynyň iň esasy 6 ýaryşynyň biri bolan Çikago marafonynda dünýä rekordy goýuldy. ABŞ-da geçirilen 45-nji Çikago marafonynda erkekleriň arasynda 23 ýaşyndaky keniýaly Kelwin Kiptum 2 sagat 35 sekuntda pellehana gelip, dünýä rekordyny täzeledi. Ozalky rekord başga bir keniýaly türgen Eliud Kipçoge degişli bolup (02:01:09), Kiptum onuň rekordyny 34 sekunt ösdürmegi başardy. Ýaryşda keniýaly Benson Kipruto 2-nji, belgiýaly Başir Abdi 3-nji ýeri eýeledi.**

**Zenanlaryň arasynda-da niderland türgen Sifan Hassan 2 sagat 13 minut 44 sekuntda ýaryşy tamamlap, Çikago marafonynyň rekordyny täzeledi. Onuň bu görkezijisi marafon ylgawy boýunça zenanlaryň arasyndaky iň ýokary 2-nji görkeziji hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda keniýaly Rut Çepngetiç 2-nji, efiopiýaly Megertu Alemu 3-nji orna mynasyp boldy.**

## «Fluminense» 15, «Boka Huniors» 5 ýyldan soň finala çykdy

Günorta Amerikanyň iň uly klub ýaryşy bolan «Libertadores» Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap oýnunda Braziliýanyň 2 kluby — «Internasional» bilen «Fluminense» duşuşdy. «Fluminense» toparynyň meýdançasynda oýnalan 1-nji duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Jogap duşuşygy has çekeleşikli geçip, «Fluminense» myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýer eýeleri 10-njy minutda Merkadonyň goly bilen 1–0 öňe saýlansa-da, soňky 10 minutda myhmanlar Jon Kennediniň



(81) hem-de Kanonyň (87) gollary bilen ýeňiş gazanmagy başardy. «Fluminense» topary 2008-nji ýyldan soň, ýagny 15 ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek finala çykdy.

«Fluminense» toparynyň finaldaky garşydaşy Argentinanyň meşhur kluby «Boka Huniors» boldy. Myhmançylykda Braziliýanyň «Palmeiras» toparyny penaltileriň netijesinde ýeňen «Boka Huniors» finala çykdy. Golsuz geçen 1-nji oýnuň jogap duşuşygynda esasy wagt 1–1 deňlikde tamamlandy. Myhmanlar Edinson Kawaniniň 23-nji minutdaky goly bilen öňe geçenem bolsa, 73-nji minutda Pikeros hasaby deňledi. Goşmaça wagt oýnalmazdan penalti urgulary geçirildi we argentin kluby 4–2 üstün çykyp, 12-nji gezek finalda oýnamaga hukuk gazandy. Soňky sapar 2018-nji ýylda finala çykan «Boka Huniors» toparynyň 6 çempionlygy bar. 5 gezegem finalda utulan «Boka Huniors» soňky sapar 2007-nji ýylda kubogy eýeläpdi.

«Boka Huniors» bilen «Fluminense» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy 4-nji noýabrda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherindäki dünýä belli «Marakana» stadionynda geçiriler.



## 2030-njy ýyldaky Dünýä Kubogy 3 yklymda, 6 ÝURTDA GEÇIRILER

**FIFA ýene-de 7 ýyldan, has takygy, 2030-njy ýylda geçiriljek 24 Dünýä Kubogynyň haýsy ýurtlarda geçiriljekdigini mälim etdi. Şunlukda, 2030-njy ýyldaky Dünýä Kubogy 3 yklymda, 6 ýurtda geçiriler. Çempionatyň esasy guraýjysy 3 ýurt bolup, olar Ispaniýa, Portugaliýa hem-de Marokko döwletleridir. 2030-njy ýylda Dünýä Kubogynyň geçirilip başlanyna 100 ýylyň dolýandygy mynasybetli çempionatyň ilkinji 3 duşuşygy Günorta Amerika döwletlerinde – Urugwaýda, Argentinada hem-de Paragwaýda oýnalar. Mälim bolşy ýaly, Dünýä Kubogy ilkinji gezek 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilipdi. Netijede, 6 ýurduň milli ýygyndy topary saýlama tapgyryna gatnaşmazdan 2030 Dünýä Kubogyna wekilçilik eder.**

## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*13-nji oktýabr*
**Niderlandlar – Fransiýa (23:45)**
Awstriýa – Belgiýa (23:45)
**Portugaliýa – Slowakiýa (23:45)**
Angliýa – Awstraliýa (23:45)
*14-nji oktýabr*
Ukraina – D. Makedoniýa (18:00)
Sloweniýa – Finlýandiýa (21:00)
Italiýa – Malta (23:45)



Wengriýa – Serbiýa (23:45)
Daniýa – Gazagystan (23:45)
ABŞ – Germaniýa (00:00)
*15-nji oktýabr*
**Norwegiýa – Ispaniýa (23:45)**
Türkiýe – Latwiýa (23:45)
Uels – Horwatiýa (23:45)
*16-njy oktýabr*
Hytaý – Özbegistan (15:00)
Russiýa – Keniýa (21:00)
Gresiýa – Niderlandlar (23:45)
Belgiýa – Şwesiýa (23:45)
Bosniýa – Portugaliýa (23:45)
*17-nji oktýabr*
**Angliýa – Italiýa (23:45)**
Serbiýa – Garadag (23:45)
*18-nji oktýabr*
**Urugwaý – Braziliýa (05:00)**
Peru – Argentina (07:00)

## «Arsenal» ahyry «Mançester Sitini» ýeňdi

Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» tapgyryň iň esasy duşuşygynda wise-çempion «Arsenal» öz meýdançasynda çempion «Mançester Sitini» 1–0 hasabynda ýeňdi. Topçulara taryhy ýeňiş gazandyran ýeke-täk goly 86-njy minutda oýna soň giren Gabrielle Martinelli geçirdi. Şunlukda, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirýän «Arsenal» güýçli garşydaşyny çempionatda 8 ýyldan soň ilkinji gezek ýeňmegi başardy. «Arsenal» soňky gezek 2015-nji ýylda utupdy. Şol sanda «Arsenalyň» tälimçisi Mikel Arteta APL-de Pep Guardiolany ilkinji gezek ýeňip, mundan öňki 7 oýunda asgyn gelipdi. Şeýle-de, «Arsenal» «Mançester Sitini» soňky gezek gol geçirtmezden 2012-nji ýylda ýeňipdi. Şonda londonlylar toparyň häzirki tälimçisi Mikel Artetanyň 87-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňipdiler.



«Mançester Siti» soňky 4 duşuşygynda 3-nji gezek utuldy. Şäherliler soňky gezek 2018-nji ýylyň aprelinde 4 duşuşygyň 3-sinde ýeňlipdi.

### PREMIER LEAGUE (8) — 27 gol

**Luton Tawn—Tottenham: 0–1** (Wan de Wen 52), **Ewerton—Bornmut: 3–0** (Garner 8, Harrison 37, Dukure 60), **Fulham—Şeffild Ý: 3–1** (De Kordowa-Rid 53, Foderingem 76 ö.d., Willian 90+2 — Robinson 68 ö.d.), **Man. Ýunaýted—Brentford: 2–1** (MakTomineý 90+3, 90+7 — Ýensen 26), **Börnli—Çelsi: 1–4** (Odober 15 — Al-Dahil 42 ö.d., Palmer 49 p, Sterling 65, Jekson 75), **K. Palas—Nottingam Forest: 0–0, Wulwerhempton—Aston Willa: 1–1** (Hi Çan Wan 53 — Pau Torres 55), **West Ham—Nýukasl: 2–2** (Souçek 8, Kudus 89 — Isak 57, 62), **Braýton—Liwerpul: 2–2** (Adingra 20, Dank 79 — Salah 40, 45+1 p), **Arsenal—Mançester Siti: 1–0** (Martinelli 86)

### LA LIGA (9) — 30 gol

**Atletik—Almeriýa: 3–0** (Guruseta 10, D. Garsiýa 63, Sanset 81), **Kadiz—Žirona: 0–1** (Aleş Garsiýa 59), **Real Madrid—Osasuna: 4–0** (Bellingam 9, 54, W. Junior 65, Hoselu 70), **Malýorka—Walensiýa: 1–1** (D. Rodriges 5 — Diego Lopes 45+3), **Sewilýa—R. Wallekano: 2–2** (Sow 50, En-Nesiri 90+6 — Walentin 21, A. Garsiýa 26), **Wilýarreal—Las Palmas: 1–2** (Moreno 90+2 — Koko 45+2, M. Kardona 51 p), **Atletiko—R. Sosiedad: 2–1** (Lino 22, Grizmann 89 p — Oýarzabal 73), **Alawes—Betis: 1–1** (Bellerin 35 ö.d. — Aýose Peres 32), **Selta—Hetafe: 2–2** (Bamba 24, S. Larsen 42 — Maýoral 2, Grinwud 33), **Granada—Barselona: 2–2** (Saragosa 1, 29 — Ýamal 45+1, S. Roberto 85)

### SERIE A (8) — 29 gol

**Empoli—Udineze: 0–0, Leççe—Sassuolo: 1–1** (Krstowiç 48 — Berardi 22 p), **Inter—Bolonýa: 2–2** (Açerbi 11, Martines 13 — Orsolini 19 p, Zirkzee 52), **Ýuwentus—Torino: 2–0** (Gatti 47, Milik 62), **Jenoa—Milan: 0–1** (Pulişiç 87), **Monza—Salernitana: 3–0** (Kolpani 9, Winýato 18, Pessina 82 p), **Frozinone—Werona: 2–1** (Reýnir 45+1, Sule 66 — Juriç 90+4), **Lasio—Atalanta: 3–2** (De Ketelare 5 ö.d., Kastelýanos 11, Wesino 83 — Ederson 33, Kolaşinas 63), **Kaliari—Roma: 1–4** (Nandes 86 p—Auar 19, Lukaku 20, 59, Belotti 51), **Napoli—Fiorentina: 1–3** (Osimhen 45+5 p — Brekalo 7, Bonawentura 63, Gonzales 90+3)

### LIGUE 1 (8) — 25 gol

**Strasbur—Nant: 1–2** (Dion 90+1 — Koko 50, Mutussami 57), **Mets—Nissa: 0–1** (Budaui 14), **Marsel—Le Hawr: 3–0** (Sangante 18 ö.d., Obameýang 21, Sarr 84), **Brest—Tuluza: 1–1** (Satriano 90+3 — Magri 27), **Lion—Loriýan: 3–3** (Nuama 21, Lakazett 22, 41 p — Krupi 16, 54, Ýongwa 79), **Lans—Lill: 1–1** (Maçado 70 — Andre 45+2), **Reýms—Monako: 1–3** (Teuma 57 p – Ýakobs 42, Balogun 46, Ben Ýedder 49), **Monpelie—Klermon** (oýun 4–2 mahaly ýatyryldy), **Renn—PSŽ: 1–3** (Guiri 56 — Witinýa 32, Hakimi 36, Kolo Muani 58)

### BUNDESLIGA (7) — 30 gol

**Borussiýa M—Maýns: 2–2** (Noýhaus 22, Skalli 88 — Gruda 24, Barkok 75), **Augsburg—Darmştadt: 1–2** (Demirowiç 86 — Skarke 52, Kempe 70 p), **Borussiýa D—Union Berlin: 4–2** (Füllkrug 7, Şlotterbek 49, Brandt 54, Rýuwerson 71 — Gosens 9, Bonuççi 31 p), **Ştutgart—Wolfsburg: 3–1** (Girassi 66, 78, 82 — Gerhardt 34), **Leipsig—Bohum: 0–0, Werder—Hoffenhaým: 2–3** (Şmid 17, Stage 90+1 — Baýer 8, Prýomel 29, Büllter 90+2), **Baýer—Köln: 3–0** (Hofmann 22, Frimpong 32, Bonifase 67), **Bawariýa—Fraýburg: 3–0** (Koman 12, 85, Sane 25), **Aýntraht—Hoffenhaým: 2–0** (Larsson 39, Knauff 72)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TOTTENHAM | 8 | 6 | 2 | 0 | 18-8 | 20 |
| 2 | ARSENAL | 8 | 6 | 2 | 0 | 16-6 | 20 |
| 3 | MAN. SITI | 8 | 6 | 0 | 2 | 17-6 | 18 |
| 4 | LIWERPUL | 8 | 5 | 2 | 1 | 18-9 | 17 |
| 5 | ASTON WILLA | 8 | 5 | 1 | 2 | 19-12 | 16 |
| 6 | BRAÝTON | 8 | 5 | 1 | 2 | 21-16 | 16 |
| 7 | WEST HAM | 8 | 4 | 2 | 2 | 15-12 | 14 |
| 8 | NÝUKASL | 8 | 4 | 1 | 3 | 20-9 | 13 |
| 9 | K. PALAS | 8 | 3 | 3 | 2 | 7-7 | 12 |
| 10 | M. ÝUNAÝTED | 8 | 4 | 0 | 4 | 9-12 | 12 |
| 11 | ÇELSI | 8 | 3 | 2 | 3 | 11-7 | 11 |
| 12 | FULHAM | 8 | 3 | 2 | 3 | 8-13 | 11 |
| 13 | NOTTINGAM | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-10 | 9 |
| 14 | W. HEMPTON | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-14 | 8 |
| 15 | BRENTFORD | 8 | 1 | 4 | 3 | 11-12 | 7 |
| 16 | EWERTON | 8 | 2 | 1 | 5 | 9-12 | 7 |
| 17 | LUTON TAWN | 8 | 1 | 1 | 6 | 6-15 | 4 |
| 18 | BÖRNLI | 8 | 1 | 1 | 6 | 7-20 | 4 |
| 19 | BORNMUT | 8 | 0 | 3 | 5 | 5-18 | 3 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 8 | 0 | 1 | 7 | 6-22 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 8 |
| 2 | Hyn Min SON (Tottenham) | 6 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 6 |
| 4 | Hi Çan HWAN (Wulwerhempton) | 5 |
| 5 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 5 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 9 | 8 | 0 | 1 | 20-6 | 24 |
| 2 | ŽIRONA | 9 | 7 | 1 | 1 | 19-11 | 22 |
| 3 | BARSELONA | 9 | 6 | 3 | 0 | 21-10 | 21 |
| 4 | ATLETIKO M | 8 | 6 | 1 | 1 | 20-8 | 19 |
| 5 | ATLETIK B | 9 | 5 | 2 | 2 | 16-9 | 17 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 9 | 4 | 3 | 2 | 17-12 | 15 |
| 7 | BETIS | 9 | 3 | 4 | 2 | 11-13 | 13 |
| 8 | R. WALLEKANO | 9 | 3 | 4 | 2 | 11-13 | 13 |
| 9 | WALENSIÝA | 9 | 3 | 2 | 4 | 10-11 | 11 |
| 10 | LAS PALMAS | 9 | 3 | 2 | 4 | 6-8 | 11 |
| 11 | HETAFE | 9 | 2 | 4 | 3 | 12-15 | 10 |
| 12 | OSASUNA | 9 | 3 | 1 | 5 | 9-14 | 10 |
| 13 | KADIZ | 9 | 2 | 3 | 4 | 8-12 | 9 |
| 14 | SEWILÝA | 8 | 2 | 2 | 4 | 13-12 | 8 |
| 15 | MALÝORKA | 9 | 1 | 5 | 3 | 12-15 | 8 |
| 16 | WILÝARREAL | 9 | 2 | 2 | 5 | 11-15 | 8 |
| 17 | ALAWES | 9 | 2 | 2 | 5 | 7-13 | 8 |
| 18 | SELTA | 9 | 1 | 3 | 5 | 10-15 | 6 |
| 19 | GRANADA | 9 | 1 | 3 | 5 | 15-23 | 6 |
| 20 | ALMERIÝA | 9 | 0 | 3 | 6 | 11-24 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 8 |
| 2 | Alwaro MORATA (Barselona) | 5 |
| 3 | Braýan SARAGOSA (Granada) | 5 |
| 4 | Takefusa KUBO (R. Sosiedad) | 5 |
| 5 | Iniaki WILLIAMS (Atletik B) | 4 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 8 | 7 | 0 | 1 | 16-8 | 21 |
| 2 | INTER | 8 | 6 | 1 | 1 | 21-5 | 19 |
| 3 | ÝUWENTUS | 8 | 5 | 2 | 1 | 14-6 | 17 |
| 4 | FIORENTINA | 8 | 5 | 2 | 1 | 18-11 | 17 |
| 5 | NAPOLI | 8 | 4 | 2 | 2 | 17-9 | 14 |
| 6 | ATALANTA | 8 | 4 | 1 | 3 | 13-8 | 13 |
| 7 | MONZA | 8 | 3 | 3 | 2 | 8-7 | 12 |
| 8 | FROZINONE | 8 | 3 | 3 | 2 | 11-11 | 12 |
| 9 | LEÇÇE | 8 | 3 | 3 | 2 | 9-10 | 12 |
| 10 | ROMA | 8 | 3 | 2 | 3 | 19-12 | 11 |
| 11 | BOLONÝA | 8 | 2 | 5 | 1 | 8-6 | 11 |
| 12 | SASSUOLO | 8 | 3 | 1 | 4 | 12-14 | 10 |
| 13 | LASIO | 8 | 3 | 1 | 4 | 10-12 | 10 |
| 14 | TORINO | 8 | 2 | 3 | 3 | 6-9 | 9 |
| 15 | JENOA | 8 | 2 | 2 | 4 | 10-12 | 8 |
| 16 | WERONA | 8 | 2 | 2 | 4 | 5-8 | 8 |
| 17 | UDINEZE | 8 | 0 | 5 | 3 | 4-12 | 5 |
| 18 | EMPOLI | 8 | 1 | 1 | 6 | 1-16 | 4 |
| 19 | SALERNITANA | 8 | 0 | 3 | 5 | 4-14 | 3 |
| 20 | KALIARI | 8 | 0 | 2 | 6 | 3-16 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 10 |
| 2 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 6 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 5 |
| 4 | Nikolas GONZALES (Fiorentina) | 5 |
| 5 | Romelu LUKAKU (Roma) | 5 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MONAKO | 8 | 5 | 2 | 1 | 21-11 | 17 |
| 2 | NISSA | 8 | 4 | 4 | 0 | 9--4 | 16 |
| 3 | PSŽ | 8 | 4 | 3 | 1 | 17-7 | 15 |
| 4 | BREST | 8 | 4 | 3 | 1 | 9--7 | 15 |
| 5 | REÝMS | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-11 | 13 |
| 6 | MARSEL | 8 | 3 | 3 | 2 | 12--11 | 12 |
| 7 | LILL | 8 | 3 | 3 | 2 | 13--10 | 12 |
| 8 | RENN | 8 | 2 | 5 | 1 | 14-10 | 11 |
| 9 | NANT | 8 | 3 | 2 | 3 | 14-15 | 11 |
| 10 | TULUZA | 8 | 2 | 4 | 2 | 10--9 | 10 |
| 11 | STRASBUR | 8 | 3 | 1 | 4 | 8--11 | 10 |
| 12 | MONPELIE | 7 | 2 | 3 | 2 | 12--9 | 9 |
| 13 | LE HAWR | 8 | 2 | 3 | 3 | 10--12 | 9 |
| 14 | LANS | 8 | 2 | 2 | 4 | 8--13 | 8 |
| 15 | METS | 8 | 2 | 2 | 4 | 7--14 | 8 |
| 16 | LORIÝAN | 8 | 1 | 4 | 3 | 13-18 | 7 |
| 17 | LION | 8 | 0 | 3 | 5 | 6--16 | 3 |
| 18 | KLERMON | 7 | 0 | 2 | 5 | 5--12 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 7 |
| 2 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 3 | Akor ADAMS (Monpelie) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 5 |
| 5 | Musa AL-TAMARI (Monpelie) | 5 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 7 | 6 | 1 | 0 | 23-6 | 19 |
| 2 | ŞTUTGART | 7 | 6 | 0 | 1 | 22-8 | 18 |
| 3 | BAWARIÝA | 7 | 5 | 2 | 0 | 23-6 | 17 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 7 | 5 | 2 | 0 | 16-8 | 17 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 7 | 5 | 0 | 2 | 16-11 | 15 |
| 6 | LEIPSIG | 7 | 4 | 2 | 1 | 16-6 | 14 |
| 7 | WOLFSBURG | 7 | 4 | 0 | 3 | 10--9 | 12 |
| 8 | AÝNTRAHT | 7 | 2 | 4 | 1 | 6--5 | 10 |
| 9 | FRAÝBURG | 7 | 3 | 1 | 3 | 7--13 | 10 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 7 | 2 | 1 | 4 | 10--15 | 7 |
| 11 | DARMŞTADT | 7 | 2 | 1 | 4 | 12--19 | 7 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 7 | 1 | 3 | 3 | 13-16 | 6 |
| 13 | UNION BERLIN | 7 | 2 | 0 | 5 | 11--14 | 6 |
| 14 | WERDER | 7 | 2 | 0 | 5 | 12--17 | 6 |
| 15 | AUGSBURG | 7 | 1 | 2 | 4 | 10--17 | 5 |
| 16 | BOHUM | 7 | 0 | 4 | 3 | 5--19 | 4 |
| 17 | MAÝNS | 7 | 0 | 2 | 5 | 6--19 | 2 |
| 18 | KÖLN | 7 | 0 | 1 | 6 | 4--14 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 13 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 8 |
| 3 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 7 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Baýer) | 7 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 6 |

## «Mançester Ýunaýted» soňky demde

**Angliýanyň çempionatynda** «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Brentford» bilen duşuşyp, 90-njy minutdan soň geçiren 2 goly bilen ýeňşini baýram etdi. Oýnuň 87-nji minutynda meýdança giren MakTomineý 90+3-nji hem-de 90+7-nji minutlarda tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getirdi. Kem-kemden özüni dürseýän «Çelsi» myhmançylykda «Börnli» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi.



**Italiýanyň çempionatynda** «Inter» 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, öz meýdançasynda «Bolonýa» bilen 2–2 deňme-deň oýnap, liderligi elden giderdi. Myhmançylykda «Jenoany» Pulişiçiň 87-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňen «Milan» 1-nji orna beýgeldi. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda «Milanyň» derwezeçisi Menýan gyzyl kart aldy. Derwezä geçen hüjümçi Oliwie Žiru howply pursatda toparyny goldan goramagy başardy. Turin derbisinde ýeňiş ýene-de «Ýuwentusyň» tarapynda bolup, ýer eýeleri «Torinony» Gatti hem-de Miligiň gollary bilen 2–0 utdy. Soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Fiorentinadan» 3–1 hasabynda asgyn geldi.

**Ispaniýanyň çempionatynda** «Real Madrid» öz meýdançasynda «Osasunany» 4–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Bellingam 2 gol geçirip, gollarynyň sanyny 8-e ýetirdi. 2-nji ýerdäki «Žirona» myhmançylykda «Kadizi» Aleş Garsiýanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy. «Granada» bilen «Barselonanyň» arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. «Granadanyň» ýaş hüjümçisi Braýan Saragosa eýýäm 1-nji minutda hem-de 29-njy minutda tapawutlanmagy başardy. «Barselonanyň» jogap gollaryny Ýamal bilen Serhi Roberto geçirdi. Lamin Ýamal 16 ýaş 87 gün bilen «La Liganyň» taryhynda gol geçiren iň ýaş futbolçy boldy.



Braýan Saragosa

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Baýer» öz meýdançasynda «Kölni» Hofmannyň, Frimpongyň hem-de Bonifaseniň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Bawariýa» Kingsli Komanyň 2 gezek tapawutlanan oýnunda «Fraýburgy» hem şol hasap bilen 3–0 ýeňdi. 2 futbolçysy – Simmons hem-de Forsbergiň penalti geçirip bilmedik duşuşygynda «Leipsig» öz meýdançasynda «Bohum» bilen golsuz deňme-deň oýnady. 2-nji ýerde barýan «Ştutgart» öz meýdançasynda «Wolfsburgy» kabul edip, garşydaşynyň 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, hüjümçisi Girassiniň het-trigi bilen ýeňşini baýram etdi. «Borussiýa Dortmund» hem täze möwsüme şowsuz başlan «Union Berlini» 4–2 hasabynda ýeňdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ myhmançylykda «Renn» toparyny 3–1 hasabynda utdy. Duşuşykda parižlileriň gollaryny Witinýa, Hakimi hem-de Kolo Muani geçirdi. Edil şol hasap bilen «Monako» hem myhmançylykda «Reýmsden» üstün çykdy. Sanawyň liderine ýeňiş getiren gollary Ýakobs, Balogun hem-de Ben Ýedder derwezä girizdi.

# UEFA-nyň 3 ýaryşyna 35 ýurtdan 96 klub gatnaşýar

**UEFA-nyň klub ýaryşlarynda toparçalardaky 2-nji duşuşyklar tamamlandy. 3 ýaryşyň — UEFA Çempionlar Ligasynyň, Ýewropa Ligasynyň, Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň hersine 32 topar, jemi 96 klub gatnaşýar. Şu möwsüm 96 klubuň gatnaşýan soňky möwsümi bolup, geljek möwsümden başlap, her ýaryşa 36, jemi 108 klub gatnaşar. Umumylykda 3 bäsleşigiň hem geçiriliş formaty az-owlak üýtgediler, duşuşyklaryň sany artdyrylar.**

UEFA-nyň 3 ýaryşyna her ýurtdan iň köp 7 klub wekilçilik edip bilýär. Ýöne gazanylan çempionlyklara görä, bu görkeziji 8-e hem çykýar. Häzirki wagtda 96 klubuň 8-si Angliýa degişli bolup, iňlis klublary geçen möwsümde 2 bäsleşikde ýeňiji boldy. Ýewropanyň öňdebaryjy beýleki çempionatlarynyň 3-sinden – Ispaniýadan, Italiýadan hem-de Germaniýadan 7, Fransiýadan 6 klub UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik edýär. Belgiýadan 5, Niderlandlardan, Portugaliýadan, şol sanda Gresiýadan 4, Türkiýeden, Awstriýadan, Şotlandiýadan, Serbiýadan, Şweýsariýadan hem-de Çehiýadan 3 klub gatnaşýar. Ukraina, Daniýa, Norwegiýa, Polşa, Ysraýyl, Slowakiýa ýaly ýurtlaryň çempionatlaryndan 2 klub UEFA-nyň ýaryşlarynda özlerini synaýarlar. 1 klub bilen wekilçilik edýänler – Şwesiýa, Kipr, Moldowa, Finlýandiýa, Wengriýa, Islandiýa, Farer adalary, Bosniýa we Gersegowina, Sloweniýa, Bolgariýa, Gazagystan, Horwatiýa, Kosowo ýurtlarydyr.

Umumylykda UEFA-nyň 55 agza ýurdunyň 35-siniň wekili klub ýaryşlaryna gatnaşýar. Şol 35 ýurduň 3-si – Islandiýa, Farer adalary hem-de Bosniýa we Gersegowina ýurtlary ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna klub ugratdylar.

Şol bir wagtyň özünde gatnaşýan 96 klubuň 11-si – «Braýton», «Rakuw», «BK Haken», «Aris», TSS («Baçko Topola»), «Serwette», «Çukariçki», «Breidablik», «KI Klakswik», «Zrinski Monstar», «Olimpiýa» klublary ilkinji gezek özlerini UEFA-nyň ýaryşlarynda synap görýärler. Serbiýanyň 2 klubunyň – TSS, «Çukariçki» toparlarynyň ilkinji gezek gatnaşýandygy aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşýan 32 klub 15 ýurda wekilçilik edýär. Ýewropa Ligasyndaky 32 klub 21 ýurduň wekili bolsa, Ýewropa Konferensiýa Ligasyndaky 32 klub 28 ýurduň toparydyr.

Iňlis klublarynyň 8-siniň gatnaşýandygyny belläpdik. Olaryň 4-si UÇL-de, 3-si UÝL-de bolsa, 1 klub hem UEFA-nyň täze bäsleşigine gatnaşýar. Ispan klublary 2 ýaryşda çykyş edýär. «Sewilýanyň» Ýewropa Ligasynda gazanan çempionlygy olaryň Çempionlar Ligasyna 5 klub bilen gatnaşmagynyň sebäbidir. Portugaliýanyň Çempionlar Ligasynda 3, Ýewropa Ligasynda 1 kluby bar. Konferensiýa Ligasynda olaryň wekili ýok.



Ýewropa Ligasyndaky iň köp klubly ýurtlar Angliýa, Fransiýa hem-de Gresiýa bolup, olaryň hersinden 3 topar gatnaşýar. Grekleriň Çempionlar Ligasyna ýollanma alyp bilmändigini hem bellemek gerek. Çehleriň Çempionlar Ligasynda kluby ýok, ýöne Ýewropa Ligasyna Praganyň 2 topary bilen wekilçilik edýärler. Esasan hem, Ýewropanyň futbolda o diýen öňde bolmadyk ýurtlarynyň klublary üçin esaslandyrylan (ilkinji 2 möwsüminde öňdebaryjy ýurtlaryň klublary çempionlyk gazansa-da) UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda Belgiýanyň 3 kluby çykyş edip, olar bu ugurda öňdeligi eýeleýärler. Geljek möwsümden başlap UEFA Konferensiýa Ligasy diýlip atlandyryljak ýaryşda Türkiýeden hem-de Slowakiýadan 2 klub bar. Galan 25 klubuň hersi 1 ýurda degişlidir.

Bilşimiz ýaly, Çempionlar Ligasynda 1-nji saýlama tapgyrynda utulan Konferensiýa Ligasyna, ondan soňky saýlama tapgyrlarynda utulanlaram Ýewropa Ligasynyň saýlama tapgyryna gatnaşsa, Ýewropa Ligasynyň 3-nji saýlama tapgyrynda we pleý-off tapgyrynda utulanlaram Konferensiýa Ligasynyň saýlama tapgyrynda ýaryşy dowam edýärler. Ýewropa Ligasynyň toparçalaryna käbir ýurtlaryň wekili gönümel gatnaşsa, Çempionlar Ligasynyň 3-nji saýlama hem-de pleý-off tapgyrynda utulan 10 klub toparçalara ýollanma alýar. Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynda utulan 10 klub Konferensiýa Ligasynyň toparçalarynda çykyş edýär. Mahlasy, 78-si UEFA Çempionlar Ligasyna, jemi 200-den gowrak klub UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşmak üçin saýlama tapgyryndan başlap wekilçilik edýärler.

Ýene-de 2 aýdan toparçalardaky duşuşyklar tamamlanar. 96 klubuň 32-si dekabr aýynda boljak nobatdaky tapgyryň bije çekiliş dabarasyna gatnaşmaz. Ýagny Çempionlar hem-de Ýewropa Ligalarynda toparçalarynda 4-nji orny eýelänler, şeýle-de, Ýewropa Konferensiýa Ligasynda 3-4-nji orny eýelänler bu möwsümlik UEFA-nyň ýaryşlary bilen hoşlaşmaly bolarlar.

Geçen möwsüm 3 italýan, 2 iňlis we 1 ispan kluby finala çykyp, italýanlaryň 3 topary-da finaldan boş gaýdypdylar. Geljek ýylyň maý-iýun aýlarynda oýnaljak final duşuşyklaryna haýsy ýurtlaryň klublary gatnaşarlar? Biz futbol janköýerlerine-de şol final oýunlaryna çenli boljak gyzykly duşuşyklara tomaşa edip, sabyrlylyk bilen garaşaýmak galýar.

| | ÝURTLAR | KLUB SANY | UÇL | UÝL | UÝKL | UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýan klublar | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Angliýa | 8 | 4 | 3 | 1 | Mançester Siti | Arsenal | Man. Ýunaýted | Nýukasl | Liwerpul | West Ham | Braýton | Aston Willa |
| 2 | Ispaniýa | 7 | 5 | 2 | 0 | Real Madrid | Barselona | Atletiko | Real Sosiedad | Sewilýa | Betis | Wilýarreal | |
| 3 | Italiýa | 7 | 4 | 2 | 1 | Napoli | Milan | Inter | Lasio | Roma | Atalanta | Fiorentina | |
| 4 | Germaniýa | 7 | 4 | 2 | 1 | Bawariýa | Borussiýa Dortmund | Leipsig | Union Berlin | Fraýburg | Baýer | Aýntraht | |
| 5 | Fransiýa | 6 | 2 | 3 | 1 | PSŽ | Lans | Marsel | Renn | Tuluza | Lill | | |
| 6 | Belgiýa | 5 | 1 | 1 | 3 | Antwerpen | Ýunion Sent-Žillua | Klub Brýugge | Gent | Genk | | | |
| 7 | Niderlandlar | 4 | 2 | 1 | 1 | Feýenoord | PSW | Aýaks | AZ | | | | |
| 8 | Portugaliýa | 4 | 3 | 1 | 0 | Benfika | Porto | Braga | Sporting | | | | |
| 9 | Gresiýa | 4 | 0 | 3 | 1 | AEK Afiny | Panatinaikos | Olimpiakos | PAOK | | | | |
| 10 | Türkiýe | 3 | 1 | 0 | 2 | Galatasaraý | Fenerbahçe | Beşiktaş | | | | | |
| 11 | Awstriýa | 3 | 1 | 2 | 0 | RB Salsburg | LASK | Şturm Gras | | | | | |
| 12 | Şotlandiýa | 3 | 1 | 1 | 1 | Seltik | Reýnjers | Aberdin | | | | | |
| 13 | Serbiýa | 3 | 1 | 1 | 1 | Srwena Zwezda | TSS (Baçko Topola) | Çukariçki | | | | | |
| 14 | Şweýsariýa | 3 | 1 | 1 | 1 | Ýang Boýz | Serwette | Lugano | | | | | |
| 15 | Çehiýa | 3 | 0 | 2 | 1 | Sparta Praga | Slawiýa Praga | Wiktoriýa Plzen | | | | | |
| 16 | Ukraina | 2 | 1 | 0 | 1 | Şahtýor Donesk | Zorýa Lugansk | | | | | | |
| 17 | Daniýa | 2 | 1 | 0 | 1 | Kopengagen | Nordşellann | | | | | | |
| 18 | Norwegiýa | 2 | 0 | 1 | 1 | Molde | Bodo-Glimt | | | | | | |
| 19 | Polşa | 2 | 0 | 1 | 1 | Rakuw | Legiýa | | | | | | |
| 20 | Ysraýyl | 2 | 0 | 1 | 1 | Makkabi Haýfa | Makkabi Tel-Awiw | | | | | | |
| 21 | Slowakiýa | 2 | 0 | 0 | 2 | Slowan Bratislawa | Spartak Trnawa | | | | | | |
| 22 | Azerbaýjan | 1 | 0 | 1 | 0 | Garabag | | | | | | | |
| 23 | Şwesiýa | 1 | 0 | 1 | 0 | BK Haken | | | | | | | |
| 24 | Kipr | 1 | 0 | 1 | 0 | Aris Limassol | | | | | | | |
| 25 | Moldowa | 1 | 0 | 1 | 0 | Şerif | | | | | | | |
| 26 | Finlýandiýa | 1 | 0 | 0 | 1 | HJK Helsinki | | | | | | | |
| 27 | Wengriýa | 1 | 0 | 0 | 1 | Ferenswaroş | | | | | | | |
| 28 | Islandiýa | 1 | 0 | 0 | 1 | Breidablik | | | | | | | |
| 29 | Farer adalary | 1 | 0 | 0 | 1 | KI Klakswik | | | | | | | |
| 30 | Bosniýa we Gersegowina | 1 | 0 | 0 | 1 | Zrinski Mostar | | | | | | | |
| 31 | Sloweniýa | 1 | 0 | 0 | 1 | Olimpiýa Lýublýana | | | | | | | |
| 32 | Bolgariýa | 1 | 0 | 0 | 1 | Ludogores Razgrad | | | | | | | |
| 33 | Gazagystan | 1 | 0 | 0 | 1 | Astana | | | | | | | |
| 34 | Horwatiýa | 1 | 0 | 0 | 1 | Dinamo Zagreb | | | | | | | |
| 35 | Kosowo | 1 | 0 | 0 | 1 | Ballkani | | | | | | | |
| | JEMI | 96 | 15 | 21 | 28 | | | | | | | | |







# UEFA Çempionlar Ligasynda her möwsümiň ilkinji goly

UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy 1992/93 möwsüminden bäri UEFA Çempionlar Ligasy ady bilen geçirilip gelinýär. Şondan bäri ýaryşyň abraýy hasam ýokarlanyp, ýyl-ýyldanam bäsleşigiň abraýy belende galýar.

Şol ýyldan bäri az sanly klubuň çempionlyk gazanan ýaryşynda möwsümiň ilkinji goluny geçirmegiň o diýen uly ähmiýeti ýok hem bolsa, statistika hökmünde bellenilip gelinýär. UEFA Çempionlar Ligasynyň ilkinji goluny 1992-nji ýylyň 25-nji noýabrynda Belgiýanyň «Klub Brýugge» toparynda çykyş edýän nigeriýaly meşhur hüjümçi Daniel Amokaçi duşuşygyň 17-nji minutynda Moskwanyň SSKA toparynyň derwezesinden geçiripdi. Şu möwsümiň ilkinji goluny bolsa «Leipsig» toparynyň oýunçysy Mohamed Simakan öz adyna ýazdyryp, ol «Ýang Boýz» toparynyň derwezesinden girizmegi başardy.



Daniel Amokaçi (1992)

Her möwsümde ilkinji goly öz adyna ýazdyranlaryň arasynda dünýä belli ýyldyzlar hem bar. Kristiano Ronaldo bu sanawa adyny 2 gezek ýazdyrmagy başardy. Ol 2009/10 hem-de 2021/22 möwsümleriniň ilkinji goluny geçiren oýunçy bolupdy. Messi, Ibrahimowiç, Iniesta, Aguero, Di Mariýa, Kawani ýaly ýyldyzlar hem möwsümiň ilkinji goluny geçiren futbolçylar boldy. Şol gollaryň arasynda 3-si eýýäm 1-nji minut dolmanka derweзä girizildi. Iň giç geçirileni bolsa 74-nji minutda hasaba alyndy. Şeýle-de, şol gollaryň arasynda awtogol hem bar bolup, 2010/11 möwsüminiň ilkinji goluny «werderli» Petri Pasanen 12-nji minutda topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizipdi. Ilkinji gollar soňky ýyllarda (2018/19 möwsüminden bäri) ir oýnalan duşuşyklarda hasaba alnyp gelýär.

## Çempionlar Ligasynda her möwsümiň ilkinji goluny geçiren futbolçylar

1992/93 – **Daniel Amokaçi** — ***«Klub Brýugge»***–SSKA M: 1–0 *(17-nji minut)*
1993/94 – **Domingos Paçiensiýa** — ***«Porto»***–«Werder»: 3–2 *(7-nji minut)*
1994/95 – **Nikolaý Pisarew** — «Dinamo Kiýew»–***«Spartak M»***: 3–2 *(12-nji minut)*
1995/96 – **Andreas Möller** — ***«Borussiýa D»***–«Ýuwentus»: 1–3 *(1-nji minut)*
1996/97 – **Ýari Litmanen** — «Oser»–***«Aýaks»***: 0–1 *(4-nji minut)*
1997/98 – **Stefan Şapuisat** — «Galatasaraý»–***«Borussiýa D»***: 0–1 *(74-nji minut)*
1998/99 – **Hoseba Etçeberriýa** — ***«Atletik Bilbao»***–«Rosenborg»: 1–1 *(6-njy minut)*
1999/00 – **Ýan-Derek Sorensen** — «Boawişta»–***«Rosenborg»***: 0–3, **Robert Pires** — ***«Marsel»***–«Şturm»: 2–0 *(9-njy minut)*
2000/01 – **Ýegor Titow** — ***«Spartak M»***–«Baýer»: 2–0 *(51-nji minut)*
2001/02 – **Mark Hendriks** — «Lokomotiw M»–***«Anderleht»***: 1–1 *(15-nji minut)*
2002/03 – **Zlatan Ibrahimowiç** — ***«Aýaks»***–«Lion»: 2–1 *(11-nji minut)*
2003/04 – **Mikael Silwestr** — ***«Mançester Ýunaýted»***–«Panatinaikos»: 5–0 *(13-nji minut)*
2004/05 – **Wisente Rodriges** — ***«Walensiýa»***–«Anderleht»: 2–0 *(16-njy minut)*
2005/06 – **Floran Sinama Pongol** — «Betis»–***«Liwerpul»***: 1–2 *(2-nji minut)*
2006/07 – **Andres Iniesta** — ***«Barselona»***–«Lewski Sofia»: 5–0 *(7-nji minut)*
2007/08 – **Brandao** — ***«Şahtýor Donesk»***–«Seltik»: 2–0 *(5-nji minut)*
2008/09 – **Serhio Aguero** — PSW–***«Atletiko Madrid»***: 0–3 *(9-njy minut)*
2009/10 – **Kristiano Ronaldo** — «Sürih»–***«Real Madrid»***: 2–5 *(27-nji minut)*
2010/11 – **Petri Pasanen (ö.d.)** — ***«Werder»***–«Tottenham»: 2–2 *(12-nji minut)*
2011/12 – **Pato** — «Barselona»–***«Milan»***: 2–2 *(1-nji minut)*
2012/13 – **Isko** — ***«Malaga»***–«Zenit»: 3–0 *(3-nji minut)*
2013/14 – **Dawid Alaba** — ***«Bawariýa»***–SSKA M: 3–0; **Filip Džuriçiç** — ***«Benfika»***–«Anderleht»: 2–0 *(4-nji minut)*
2014/15 – **Halk** — «Benfika»–***«Zenit»***: 0–2 *(5-nji minut)*
2015/16 – **Anhel Di Mariýa** — ***PSŽ***–«Malmö»: 2–0 *(4-nji minut)*
2016/17 – **Edinson Kawani** — ***PSŽ***–«Arsenal»: 1–1 *(1-nji minut)*
2017/18 – **Seýdu Dumbiýa** — «Olimpiakos»–***«Sporting»***: 2–3 *(2-nji minut)*
2018/19 – **Lionel Messi** — ***«Barselona»***–PSW: 4–0 *(32-nji minut)*
2019/20 – **Serdar Azmun** — «Lion»–***«Zenit»***: 1–1 *(41-nji minut)*
2020/21 – **Alwaro Morata** — «Dinamo Kiýew»–***«Ýuwentus»***: 0–2 *(46-njy minut)*
2021/22 – **Kristiano Ronaldo** — «Ýang Boýz»–***«Mançester Ýunaýted»***: 2–1 *(13-nji minut)*
2022/23 – **Mislaw Orşiç** — ***«Dinamo Zagreb»***–«Çelsi»: 1–0 *(13-nji minut)*
2023/24 – **Mohamed Simakan** — «Ýang Boýz»–***«Leipsig»***: 1–3 *(3-nji minut)*



Kristiano Ronaldo (2009)



Mohamed Simakan (2023)




TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER BIRLEŞMESINIŇ TELEKEÇILER MEKDEBI

bilimiň täze «Sanly marketing we sanly mahabat» ugry boýunça okuwa ýazylyşygyň başlanandygyny habar berýär.




«Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasy Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýat bölümlerinde «Sanly marketing we sanly mahabat» meýilnamasy boýunça täze okuwy guraýar. Bu okuwyň diňleýjileri ösen tehnologiýalaryň üsti bilen netijeli işewürligi ösdürmek we täze müşderileri çekmek üçin bilim alarlar.

Okuw halkara derejeli, ýokary hünär taýýarlykly mugallymlar tarapyndan alnyp barlar.

Okuwy üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnamalar berler.

Işde üstünlik gazanmak üçin «Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasynda başlanýan «Sanly marketing we sanly mahabat» okuwyna gatnaşmaga çagyrýarys.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
Balkanabat şäherinde: +993222 20723, +99363 460907;
Daşoguz şäherinde: +993322 25072, +99364 779388;
Türkmenabat şäherinde: +993422 47850, +99365 216541;
Mary şäherinde: +993522 73676, +99365 309030.

